



Durnukly osüş maksatlary amala aşyrmakda bilelikdäki hyjuw:

# Birleşen Milletler Guramasy Türkmenistanda: 2016-2020 ýyllar

UNITED NATIONS
TURKMENISTAN

# Mazmuny


## Sözbaşy
5

## Giriş

Birleşen Milletler Guramasy Türkmenistanda 7

Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2016-2020-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasy 10

Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistanda reformasy 12

Türkmenistanda Durnukly Ösüş Maksatlary 12

Global pandemiýa garşy çäre 14

## 1-nji Ileri tutulýan ugur

Ýokary hilli maglumatlar we ösüşe gözegçilik etmek 16

NETIJE 1 16

## 2-nji Ileri tutulýan ugur

Ýokary hilli, öz içine alyjy durmuş hyzmatlary 20

NETIJE 2 20

NETIJE 3 26

NETIJE 4 32

## 3-nji Ileri tutulýan ugur

Daşky gurşawyň durnuklylygy we energiýa tygşytlylygy 42

NETIJE 5 42

NETIJE 6 46

## 4-nji Ileri tutulýan ugur

Iş üpjünçiligi, ykdysady diwersifikasiýa we söwda 52

NETIJE 7 52

## 5-nji Ileri tutulýan ugur

Dolandyryş we kanunyň hökmürowanlygy 58

NETIJE 8 58

## Geljekde göz öňünde tutulýan mümkiçilikler
64



# Sözbaşy

Men, Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Hemişelik utgaşdyryjysynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirijisi hem-de Milli dolandyryş komitetiň egindeş Başlygy hökmünde 2016-2020-nji ýyllar üçin ösüş ugrunda hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasynyň (ÖHÇM) çäginde Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG-niň ösüş ulgamynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň esasy netijeleri baradaky syny Siziň dykgatyňyza ýetirýärin.

Bu neşirde Türkmenistanyň öz halkynyň we planetanyň gülläp ösmegi üçin, şeýle hem Türkmen halky üçin berk, howpsuz we durnukly geljegi gurmak üçin goýan maýa goýumlary we tagallalary beýan edilýär. Suratlar we hekaýalar Türkmenistan halkynyň başdan geçirenlerini, gazananlaryny we isleglerini, şeýle hem Türkmenistanyň we BMG-niň döwlet we geljek nesiller üçin bilelikde hyzmatdaşlyk etmegi dowam etjekdigine bolan ynamyny görkezýär.

BMG-niň köp pudaklaýyn ÖHÇM maglumatlaryň elýeterliligini gowulandyrmak, bilim ulgamyny ýokarlandyrmak, durmuş hyzmatlaryny döwrebaplaşdyrmak, saglygy goraýyş ulgamyny gowulaşdyrmak, daşky gurşawyň durnuklylygyny we energiýanyň tygşytlylygyny ýokarlandyrmak, howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak, ykdysadyýet ulgamyny diwersifikasiýalaşdyrmak, iş üpjünçiligi we söwda ýaly ugurlarda, şeýle-de döwlet dolandyryşy we adam hukuklary ugrunda ösüşi goldamakda uly üstünlikleriň gazanylmagyna itergi berdi.

2016-2020-nji ýyllar aralygynda ÖHÇM -i durmuşa geçirmek üçin 77 million ABŞ dollary sarp edildi. Hökümetiň BMG bilen bilelikde alyp barýan işleri üçin goýan maýasy 23,6 million ABŞ dollaryndan gowrak bolup, umumy pul möçberiniň üçden bir bölegini düzýär. Mundan başga-da, BMG-niň ýardamy bilen sanjymy satyn almak we uny baýlaşdyrmak maksady bilen premiks satyn almak üçin 43,5 million ABŞ dollary sarp edildi.

2020-nji ýylda global pandemiýa biziň hyzmatdaşlygymyza täzeden itergi berdi. BMG we Hökümet saglygy goraýyş ulgamynda çäreleri güýçlendirmek, şeýle hem millionlarça adamyň durmuşyna, ýaşaýyş şertlerine we ykdysadyýetine pandemiýanyň ýetirjek zyýanly täsirlerini peseltmek üçin birnäçe çäreleri meýilleşdirip, durmuşa geçirdi we şeýlelik bilen Durnukly Ösüş Maksatlaryna ýetmek ugrunda öňe gidişlikleri dowam etdirdi.

Biziň netijeli hyzmatdaşlygymyz 2020-nji ýylyň mart aýynda tassyklanan 2021-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň täze çarçuwaly Maksatnamasyny durmuşa geçirmek bilen dowam eder. Ol Ýewropa hem-de Merkezi Aziýa sebiti boýunça hyzmatdaşlyk ugrunda tassyklanan ilkinji şertnamadyr, şeýle hem bu çarçuwaly Maksatnamany durmuşa geçirmek üçin goldaw berýän BMG-niň düzümleýin edaralarynyň sanynyň köpelmegi Türkmenistan bilen BMG-niň ösüş ulgamynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň barha artýandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Ol Durnukly ösüş ugrunda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň çäginde biziň strategiki hyzmatdaşlygymyzy gaýtadan tassyklaýar we pugtalandyrýar.

Sözümiň ahyrynda, men BMG-niň mandatlaryny we borçnamalaryny ýerine ýetirmek üçin ýadawsyz zähmet çeken BMG-niň hünärmenlerine, ösüş ugrunda biziň alyp barýan işlerimize gatnaşyp, goldaw beren hyzmatdaşlarymyza we Türkmenistanyň Hökümetine Türkmenistanyň halkynyň abadançylykda ýaşamagy üçin 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň maksatlaryna ýetmek ugrunda ygrarlylygy üçin çuňňur minnetdarlygymy bildirmek isleýärin.

**Kristin Weýgand**
**BMG-niň Hemişelik utgaşdyryjysynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirijisi**

# Giriş

Bu resminamada Hökümet bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda Türkmenistanda durnukly ösüş ugrunda 2016-2020-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasynyň çäginde gazanylan üstünliklere syn berilýär. Onda Birleşen Milletler Guramasynyň düzümleýin edaralarynyň öz mandatlarynyň çäginde Hökümet bilen bilelikde alyp barýan işleri şöhlelendirilýär.

Bu hasabat Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistanda alyp barýan işleri, Türkmenistanyň we Birleşen Milletler Guramasynyň 2016-2020-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygynyň çarçuwaly Maksatnamasy we bu döwürde BMG-niň Türkmenistana beren goldawynda düýpli üýtgeşmelere sebäp bolan BMG ulgamynyň özgeriş prosesi barada syn bermek bilen başlaýar. Hasabat Türkmenistanda Durnukly ösüş maksatlary we global pandemiýa garşy göreş barada beýan edýän bölümler hökmünde dowam edýär.

Indiki bölümlerde Türkmenistany 2011-2030-njy ýyllar üçin durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynda we 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly ösüş maksatlary babatda Gün tertibinde kesgitlenen ileri tutulýan ugurlara laýyklykda sekiz netije boýunça gazanylan üstünlikler has jikme-jik öwreniler. Netijeler aşakda görkezilişi ýaly bäş strategiki ugurlara bölünýär:

- Ýokary hilli maglumatlar we ösüşe gözegçilik
- Ýokary hilli, öz içine alyjy durmuş hyzmatlary
- Daşky gurşawyň durnuklylygy we energiýa tygşytlylygy
- Iş üpjünçiligi, ykdysady diwersifikasiýa we söwda
- Döwlet dolandyryşy we kanunyň hökmürowanlygy.

Hasabat Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş ugrunda 2021-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasynyň çäginde Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň ösüşini beýan edýän bölüm bilen tamamlanýar.






# Birleşen Milletler Guramasy Türkmenistanda

Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) düzümleýin edaralary, gaznalary we maksatnamalary Türkmenistanda öz işine 1992-nji ýylyň mart aýynda, döwletiň BMG-niň agzalygyna goşulmagyndan gysga wagt soňra başlady. 2007-nji ýylda Türkmenistanyň Hökümeti durmuş taýdan düýpli özgertmeleri amala aşyrmak babatyndaky meýilnamasyny durmuşa geçirmek üçin Birleşen Milletler Guramasyny hyzmatdaşlyk etmäge çagyrdy we şeýlelik bilen hyzmatdaşlygyň täze tapgyry açyldy.

BMG-niň Hemişelik utgaşdyryjysy (BMGHU) BMG-niň ösüş ulgamynyň ýurt derejesindäki iň ýokary derejeli wekilidir. BMGHU-nyň edarasynyň maksady 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini durmuşa geçirmek ugrundaky operatiw işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin BMG-niň düzümleýin edaralaryny ýurt derejesinde jebisleşdirmekdir.

2016-2020-nji ýyllar üçin ösüş ugrunda hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasyna laýyklykda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň çäginde milli ileri tutulýan ugurlara ýetmek üçin BMG-niň 14 ýerli wekilhanaly we wekilhanasyz edaralary döwlet hyzmatdaşlary bilen hyzmatdaşlyk etdi. **Aşakda 2020-nji ýylda BMG-niň düzümine giren BMG-niň düzümleýin edaralary görkezilýär:**

## BMG-niň ýerli wekilhanaly guramalary

1951-nji ýylda döredilen Halkara migrasiýa guramasy (HMG) migrasiýa pudagynda öňdebaryjy hökümetara gurama bolup, hökümet, hökümetara we hökümete dahylsyz hyzmatdaşlar bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasy (BMGÖM) takmynan 170 ýurtda we sebitde planetany goramak bilen bir hatarda garyplygy aradan aýyrmak ugrunda işleýär. Biz ýurtlara ösüşlerini dowam etdirmekleri üçin berk strategiýalary, başarnyklary, hyzmatdaşlygy we institutlary ösdürmäge ýardam edýäris.

Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) çagalary halas etmek, olaryň hukuklaryny goramak we çagalykdan ýetginjeklik döwrüne çenli olaryň mümkinçiliklerini durmuşa geçirmek üçin 190-dan gowrak ýurtda we sebitde işleýär. Biz hiç haçan dänmeýäris.

Birleşen Milletler Guramasynyň Neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi (BMG NSJM) bikanun neşe serişdelerine we halkara jenaýatçylyga garşy göreşýän dünýä lideridir. BMG NSJM öz işini dünýäniň ähli sebitlerinde köp ugurly bölümler ulgamy arkaly ýerine ýetirýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat gaznasy (ÝUNFPA) Birleşen Milletler Guramasynyň jyns we reproduktiw saglygy ugrunda işleýän edarasydyr. Biziň wezipämiz her bir göwreliligiň islenýän, her bir çaga dogurmagyň howpsuz we her bir ýaş adamyň öz ukubyny durmuşa geçirip biljek dünýäsini döretmekdir.

Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy (BSGG) dünýäde adamlar üçin has gowy we sagdyn geljegi gurýar. Biz 194 agza döwlet bilen hyzmatdaşlyk edip, dümew we AIW ýaly ýokanç kesellere, şeýle hem düwnük we ýürek keselleri ýaly ýokanç däl kesellere garşy göreşýäris.

# BMG-niň ýerli wekilhanasyz guramalary

Food and Agriculture Organization of the United Nations

Azyk we oba hojalygy guramasy (AOHG) açlygy ýeňip geçmek, iýmiti gowulandyrmak, oba hojalygynyň öndürijiligini ýokarlandyrmak, oba ilatynyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak we dünýäniň ykdysady ösüşine goşant goşmak üçin halkara tagallalara ýolbaşçylyk edýär.

International Labour Organization

Halkara zähmet guramasy (HZG) jemgyýetçilik adalatyny we halkara derejesinde ykrar edilen adam we zähmet huKuklaryny öňe sürmek üçin işleri alyp barýar.

OHCHR

Adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň müdirligi (AHÝKM) adam hukuklaryny öňe sürmek we goramak üçin maksatnamalary we çäreleri işläp düzýär we durmuşa geçirýär.

UNITED NATIONS UNCTAD

Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş konferensiýasy (BMGSÖK) ösýän ýurtlara barlag geçirmek, ylalaşygy ýola goýmak we tehniki ýardam bermek arkaly globallaşan ykdysadyýetden has adalatly we netijeli peýdalanmagy üpjün edýär.

UNDRR UN Office for Disaster Risk Reduction

Birleşen Milletler Guramasynyň Tebigy betbagtçylyklaryň täwekgelçiligini peseltmek boýunça müdirligi (BMGTBTPM) Birleşen Milletler Guramasynyň tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini peseltmek boýunça utgaşdyrjy merkez hökmünde hyzmat edýär. BMGTBTPM 2015-2030-njy ýyllar üçin Tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini peseltmek boýunça Sendaý çarçuwaly maksatnamasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär, şeýle hem bar bolan töwekgelçilikleri azaltmakda we täze töwekgelçilikleriň döremeginiň öňüni almakda alnyp barylýan işlere gözegçilik etmek we paýlaşmak bilen ýurtlara ony durmuşa geçirmäge goldaw berýär.

UNECE

Köptaraplaýyn platforma hökmünde BMG-niň Ýewropa Ykdysady Komissiýasy (BMGÝYK) agza ýurtlaryň arasynda ägirt uly ykdysady integrasiýany we hyzmatdaşlygy, şeýle hem durnukly ösüşi we ykdysady abadançylygy ösdürmäge ýardam edýär.

UNESCO

Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeni meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilim, ylym we medeniýet ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk arkaly parahatçylygy berkitmek üçin işleri alyp barýar.

UNHCR The UN Refugee Agency

Birleşen Milletler Guramasynyň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary komissary (BMGBIÝK) adamlary halas etmek, hukuklary goramak we bosgunlar, zorluk bilen göçürilen jemgyýetler we raýatlygy bolmadyk adamlar üçin has gowy geljegi gurmak üçin işleýär.

## Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2016-2020-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasy



2016-njy ýylda Birleşen Milletler Guramasy we Türkmenistanyň Hökümeti bilelikde "Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2016-2020-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasy" (BMG-niň DÖHÇM) atly bäş ýyllyk strategiki hyzmatdaşlyk ugrunda täze resminamany bilelikde taýýarladylar. Hyzmatdaşlygyň çarçuwaly maksatnamasynda donor-alyjy gatnaşyklaryndan Türkmenistanyň dowamatly ösüşe we durnukly ösüşe bolan ymtylyşy esasynda hyzmatdaşlyga tarap geçilýändigi görkezilýär. Hyzmatdaşlygyň çarçuwaly maksatnamasy bäş strategiki ugra gönükdirilendir: (1) ýokary hilli maglumatlar we ösüşe gözegçilik; (2) ýokary hilli öz içine alyjy durmuş hyzmatlary; (3) daşky gurşawyň durnuklylygy we energiýa tygşytlylygy; (4) iş üpjünçiligi, ykdysady diwersifikasiýa we söwda; we (5) döwlet dolandyryşy we kanunyň hökmürowanlygy.

## 1 Ýokary hilli maglumatlar we ösüşe gözegçilik

NETIJE 1:

Halkara ülňülere laýyk gelýän ýokary hilli maglumatlar syýasatçylar, kanun çykaryjylar we gyzyklanýan jemgyýet üçin Milli Maksatnamalaryň, 2015-nji ýyldan soň DÖM-e ýetmek üçin we Ösüş ugrunda hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasynyň esasy maksatlaryna gözegçilik etmek, şeýle hem täze milli strategiýalary we maksatnamalary işläp düzmek üçin elýeterlidir

## 2 Ýokary hilli, öz içine alyjy durmuş hyzmatlary

NETIJE 2:

Mekdepden öň irki, başlangyç we orta bilim bermek hyzmatlarynyň hili öz içine alyjy we halkara ülňülerine laýyk gelmek bilen ýokarlandy.

NETIJE 3:

Durmuş goraglylyk ulgamy ýerli derejede öz içine alyjy, ýokary hilli hyzmatlary bilen üpjün etmäge taýýar

NETIJE 4:

Türkmenistanyň halky, esasanam ejiz gatlaklar aýal-gyzlaryň we çagalaryň saglygyna, iýmitlenişine, ýokanç däl kesellere, inçekesele we köp sanly derman serişdelerine durumly inçekesele, şeýle hem keselleriň öňüni almaga gönükdirilen ýokary derejeli saglygy goraýyş hyzmatlaryndan peýdalanýarlarhealth care services focusing on women and child health, nutrition, NCDs, TB and Multiple Drug Resistant Tuberculosis (MDR TB), early detection and prevention.




## 3 Daşky gurşawyň durnuklylygy we energiýa tygşytlylygy

NETIJE 5:

Milli syýasat, kanunçylyk we institusional mehanizmler ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak we energiýa tygşytlylygy, energiýanyň täzelenýän çeşmelerini ulanmak, şäher ösüşi we galyndylary dolandyrmak boýunça durnukly tejribäni öňe sürmek maksady bilen täzeden gözden geçirildi

NETIJE 6:

Milli syýasat, kanunçylyk we institusional mehanizmleri pudak we jemgyýet derejesinde howanyň üýtgemegine garşy durnuklylygy, uýgunlaşmagy, howa bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri dolandyrmagy we betbagtçylyklaryň töwekgelçiliklerini azaltmak boýunça çäreleri öňe sürmek bilen howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meselelere jogap berýär

## 4 Iş üpjünçiligi, ykdysady diwersifikasiýa we söwda

NETIJE 7:

Strategies and simplified regulations are in place to promote inclusive employment through sustainable economic diversification

## 5 Dolandyryş we kanunyň hökmürowanlygy

NETIJE 8:

State institutions implement and monitor laws, national programmes, and strategies in a participatory manner and in line with the country’s human rights commitments

## Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistanda özgertmeleri

BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2018-nji ýylda tassyklanan milli derejede BMG-niň utgaşdyryş ulgamyna global üýtgeşmeler girizilenden soň, Türkmenistanda "Hemişelik utgaşdyryjynyň" ulgamyna täzeçe çemeleşmek arkaly berk, strategiki, täsirli we bitarap ýolbaşçylyk işi alnyp barylýar. 2019-njy ýyldan başlap, Hemişelik utgaşdyryjynyň täze ulgamy durnukly ösüşi has sazlaşykly, netijeli we täsirli derejede goldamak üçin milli hyzmatdaşlaryň tejribesi bilen bilelikde BMG-niň ösüş ulgamynyň ukybyny, gurşawyny we täsirini bir ýere jemleýär. Ol Durnukly Ösüş Maksatlaryna (DÖM), ösüş ugrunda milli ileri tutulýan ugurlara we zerurlyklara ýetmek üçin toplumlaýyn goldaw berip biljek BMG-niň ýurt boýunça toparlary tarapyndan sazlaşykly we utgaşdyrylan çäreleri görmäge mümkinçilik berýän esas bolup durýar.

BMG-niň Hemişelik utgaşdyryjysy we onuň edarasy maksatnamalaryň ileri tutýan ugurlaryny durmuşa geçirmek we ýüze çykýan kynçylyklary aradan aýyrmak maksady bilen çäreleri işläp düzmek üçin BMG-niň ähli edaralaryny, ösüş ugrunda hyzmatdaşlaryny we milli gyzyklanýan taraplary birleşdiren bitarap edara hökmünde Türkmenistanyň Hökümeti we BMG-niň düzümleýin edaralary tarapyndan ykrar edildi.

BMG-niň Hemişelik utgaşdyryjysy Hökümet bilen utgaşdyrylan gatnaşygy üpjün etmek üçin. BMG-niň ýurt boýunça toparynyň çäginde we ösüş ugrunda gatnaşyjylarynyň arasynda ýakyndan hyzmatdaşlygy ösdürmekde möhüm orun tutdy. Hökümet ýurtda ileri tutulýan meseleler boýunça Hökümetiň ýolbaşçylygyndaky gepleşikleri guramakda goldaw üçin BMG-niň Hemişelik utgaşdyryjysynyň edarasyna adatça ýüzlenýär, şol bir wagtda BMG-niň düzümleýin edaralary we ösüş hyzmatdaşlary ýurda netijeli goldaw berýän esasy meseleleri milli hyzmatdaşlar bilen ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen çäreleri guramak üçin Hemişelik utgaşdyryjynyň edarasyna ýüzlendiler.

## Türkmenistanda DÖM

Durnukly ösüş ugrunda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibi durnukly, progressiw we öz içine alyjy ösüşi, durmuş taýdan integrasiýany we daşky gurşawyň goraglylygyny üpjün etmegi, şeýle hem durnukly ösüş üçin hyzmatdaşlygy ösdürmegi maksat edinýär. Türkmenistan 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini, şeýle hem 17 sany ägirt uly DÖM arkaly durmuşy özgertmek we planetany goramak baradaky wadany kabul eden ilkinji ýurtlaryň biri boldy.

Gün tertibi Türkmenistanda esasy strategiýa bolup hyzmat edýär we Hökümetiň syýasatlary onuň durmuşa geçirilmegine gönükdirilendir. 2016-njy ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistan durnukly ösüşiň ykdysady, durmuş we daşky gurşaw ýaly ugurlarda üç ölçegini deň derejede goýýan 17 DÖM-i we 136 maksatlaýyn görkezijilerini milliléşdirdi. Netijede, dünýä derejesinde üýtgeşmeler sebäpli görkezijileriň sanyna täzeden seredilip 175 görkeziji boldy. Millileşdirilen DÖM hemmeler üçin adam hukuklaryny durmuşa geçirmäge we hiç kimiň yzda galmajakdygyna söz berip, ähli aýal-gyzlaryň gender deňligini we ygtyýarlygyny gazanmaga çalyşýar.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2030-njy ýyla çenli Milli Maksatnamasy we Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasy durnukly ösüşi gazanmaga gönükdirilendir we DÖM-iň yzygiderli durmuşa geçirilmegini esasy ileri tutulýan ugur hökmünde goýýar. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüş ugrunda milli Maksatnamasynda (DYÖMM, 2011-2030) beýan edilşi ýaly, ýurduň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin "ykdysady taýdan ösen, durmuş taýdan goralýan we ekologiki taýdan arassa jemgyýeti gurmak" boýunça meýilnamasy 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibine doly laýyk gelýär.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi DÖM-e ýetmek üçin utgaşdyryjy hökmünde hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti (TürkmenStat) administratiw maglumatlary we pudaklaýyn statistikany ýygnamak boýunça işleri utgaşdyrmak, DÖM boýunça maglumat binýadyny döretmek we dolandyrmak, şeýle hem hasabat taýýarlamak ýaly işleri alyp barmak üçin bellenildi.

BMG DÖM-i durmuşa geçirmek, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we olar barada hasabat

bermek üçin Hökümete we beýleki gyzyklanýan taraplara tehniki taýdan ýardam berýär we utgaşdyrýar. Möhüm pursat hökmünde, BMG ulgamynyň düzümleýin edaralary tarapyndan berlen esasy bahalandyrmalara we ulgam boýunça pikirlenişiniň uly goldawyna esaslanyp, 2019-njy ýylda Türkmenistanyň DÖM-i gazanmak ugrunda ilkinji Meýletin milli synynyň BMG-ä tabşyrandygyny belläp geçmek wajypdyr. Şol wagta çenli döwlet DÖM-iň 169 global maksatlarynyň 85%-ini milli strategiýalaryna girizdi. 2020-nji ýylda BMG Türkmenistanda saglyk we abadançylyk, hem-de saglyk bilen baglanyşykly DÖM-iň beýleki maksatlary barada Durnukly ösüşiň 3-nji maksadyna ýetmek ugrunda gazanylanlar barada beýan edýän milli hasabatynyň taýýarlanmagyna ýardam etdi. Mundan başga-da, milli hyzmatdaşlar bilen 2021-nji ýylda DÖM boýunça maglumat binýadyny işläp düzmek üçin anyk işleri we çäreleri durmuşa geçirmek barada ylalaşyga gelindi.

BMG DÖM barada bilimi we habarlylygy ýokarlandyrmak we olaryň Türkmenistanda durmuşa geçirilmegine ýardam bermek üçin birnäçe ýokary derejeli çäreleri geçirdi.

• 2017-nji ýylyň sentýabr aýynda Hökümet işgärleriniň, BMG-niň ýurt boýunça toparynyň we ýurtdaky halkara jemgyýetçiliginiň gatnaşmagynda DÖM boýunça okuw we usulyýet merkezi açyldy. Bu merkez Hökümet tarapyndan bilim almak we okuwlary geçirmek, şeýle hem durnukly ösüş meseleleri boýunça we Türkmenistanda



DÖM-i durmuşa geçirmekde goldaw bermek üçin wagyz-nesihat we habarlylygy ýokarlandyrmak üçin bilim merkezi hökmünde garalýar. Merkez Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy, Milli bilim instituty, ýokary okuw mekdepleri we jemgyýetçilik guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýär.

- Şeýle hem 2017-nji ýylda Türkmenistan Ýewropada we Garaşsyz döwletleriň Arkalaşygynda ýurtda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň durmuşa geçirilmegini tizleşdirmek üçin amaly çözgütleri hödürleýän aktualizasiýa, tizlenme we syýasaty goldamak (MAPS) boýunça tabşyrygy kabul eden ilkinji bäş ýurduň biri boldy.

- 2018-njy ýylyň oktýabr aýynda 300 töweregi ýaşlar tans festiwalynda 17 DÖM-i görkezdiler. “Hiç kimi yzda galdyrmazlyk” ýörelgesine eýerip, häzirki zaman horeografiýasyny ulanyp, olar 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň esasy habaryny ýetirdiler.

- 2019-njy ýylyň aprel aýynda BMG, DÖM boýunça Milli merkezi, Maliýe we ykdysadyýet ministrligi we Daşary işler ministrligi türkmen ýaşlaryny DÖM barada habarlylygy ýokarlandyrmak üçin nähili goşant goşup biljekdikleri barada pikirleri hödürlemäge çagyrdy. Hyzmatdaşlar Türkmenistanyň ähli sebitlerinden 17 sany ýaşlary DÖM-nyň ýaş ilçileri hökmünde saýladylar.

- 2019-njy ýylyň oktýabr aýynda Mary welaýatynda DÖM-e bagyşlanan çagalar festiwaly geçirildi. 8-9 ýaş aralygyndaky otuz çaga Birleşen Milletler Guramasynyň Çaga hukuklary konwensiýasynyň makalalaryna düşünmäge kömek eden interaktiw sapaklara gatnaşdy. Käbir çagalar Konwensiýanyň hukuklary barada goşgulary aýdyp, mugallymyň wezipesini ýerine ýetirdiler.

## Global pandemiýa garşy jogap

BMG-niň we Hökümetiň 2020-nji ýylda hyzmatdaşlygynyň esasy ugry COVID-19 pandemiýasy zerarly ýüze çykan global derejede töwekgelçiliklere garşy göreş boldy. 2020-nji ýylyň iýul aýynda BSGG-niň Türkmenistanda tehniki taýdan maslahat beriş tabşyrygy guraldy we netijede teklipler işlenip düzüldi. BMG we Hökümet ösüş babatynda bilelikdäki meýilnamalaryny, şol sanda Hökümetiň ýiti ýokanç kesellere garşy taýýarlygy we çäreleri görmek boýunça Meýilnamasyny, ýagny, BMG-niň goldawy bilen işlenip düzülen we 2020-nji ýylyň 22-nji maýynda tassyklanan şeýle hem 2021-nji ýylyň Aprel aýynyň 16-na BMG-niň goldawy bilen täzelenen “Türkmenistanda döwlet derejesinde ýiti ýokanç kesele garşy taýýarlygy we dessin çäreleriň görülmegini üpjün etmegiň milli Meýilnamasyny”, \şeýle-de 2020-nji ýylyň 3-nji iýulynda tassyklanan “Türkmenistanda ýiti ýokanç keseliniň pandemiýasyna garşy dessin durmuş-ykdysady çäreleriň Meýilnamasyny” paýlaşdy.

Türkmenistanda döwlet derejesinde ýiti ýokanç kesele garşy taýýarlygy we dessin çäreleriň görülmegini üpjün etmegiň Milli Meýilnamasy boýunça meýilleşdirilen çäreleriň köpüsi 2020-nji ýylda amala aşyryldy. Hökümet COVID-19 pandemiýasyna garşy çäreleri görmek boýunça jemi 46 million ABŞ dollaryndan gowrak maliýe serişdelerini sarp etdi, BMG we ösüş boýunça hyzmatdaşlar bu çäreler üçin 2,5 million ABŞ dollaryny goşant goşdy. Üstünlikler aşakda görkezilen:

- Saglygy goraýyş ulgamynyň ähli derejelerinde saglygy goraýyş işgärleriniň we barlaghana hünärmenleriniň ukybyny ýokarlandyrmak.

- Ýiti respirator keselleri, şol sanda COVID-19 barada maglumatlary dolandyrmak boýunça güýçlendirilen mehanizmi döretmek.

- Dümewe gözegçilik etmek boýunça, şeýle hem COVID-19 ýokuşanlygy güman edilýän adamlar barada kliniki nusgalary tabşyrmagyň mehanizmini döretmek.

- Ýokanç keselleriň öňüni almak we olara garşy göreşmek.

- Hökümetiň çäreleri görmek boýunça kabul eden kararlary barada ilata habar bermek.

- COVID-19-yň ilata durmuş-ykdysady taýdan ýetiren wehimlerini azaltmak.

- COVID-19 garşy sanjym

Hökümet, BMG we halkara maliýe guramalary 2020-nji ýylda Türkmenistanda ýiti ýokanç keseliniň pandemiýasyna garşy dessin durmuş-ykdysady çäreleriň Meýilnamasynyň durmuşa geçirilmegini goldamak üçin umumy aýdanymyzda 28,8 million ABŞ dollaryny sarp etdiler. 2020-nji ýylda durmuş-ykdysady çäreleriň Meýilnamasynyň çäginde dürli ölçegli we görnüşli çäreleriň azyndan 180 sanysy geçirildi, bu çäreler 170,000-den gowrak adama peýdaly boldy. Durmuş-ykdysady çäreleriň Meýilnamasynyň çäginde aşakdaky ugurlar boýunça işler amala aşyryldy:

- Esasy saglyk hyzmatlarynyň hilini we elýeterliligini ýokarlandyrmak.
- Durmuş goraglylygyny we esasy durmuş hyzmatlaryny üpjün etmek.
- Iş ýerlerini goramak, kiçi we orta kärhanalara, şeýle hem resmi bolmadyk sektoryň işgärlerine goldaw bermek.
- Makroykdysady taýdan itergi we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy üpjün etmek.
- Jemgyýetiň jebisligini pugtalandyrmak we jemgyýet derejesinde durnuklylygy ýokarlandyrmak.





NETIJE

1

1-nji Ileri tutulýan ugur

Ýokary hilli maglumatlar we ösüşe gözegçilik etmek

Halkara ülňülere laýyk gelýän ýokary hilli maglumatlar syýasatçylar, kanun çykaryjylar we gyzyklanýan jemgyýet üçin Milli Maksatnamalaryň, 2015-nji ýyldan soň DÖM-e ýetmek üçin we Ösüş ugrunda hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasynyň esasy maksatlaryna gözegçilik etmek, şeýle hem täze milli strategiýalary we maksatnamalary işläp düzmek üçin elýeterlidir.



Ygtybarly we halkara derejesinde deňeşdirip boljak maglumatlar Türkmenistanyň öz içine alyjy we durnukly ösüşi üçin, şeýle hem milli we bölünmedik derejede DÖM-iň görkezijilerine gözegçilik etmekde esasy görkezijileri kesgitlemek üçin möhümdir. 2019 MICS-e gatnaşan maşgalalaraolaryň jogaplarynyň ýurtda çagalar we aýallar barada möhüm maglumatlary ýygnamaga we netijede strategiki kararlary kabul etmäge ýardam etjekdigi barada aýdyldy.

**Türkmenistanyň Hökümeti we BMG milli maglumatlaryň ygtybarlylygyny we dolulygyny ýokarlandyrmak üçin işleri alyp barýarlar.** Özgerişler halkara tejribesine laýyklykda we DÖM-e ýetmek üçin edilýän tagallalary goldamak üçin maglumatlary ýygnamak, seljermek, saklamak, derňemek we ýaýratmak üçin häzirki zaman usullaryň girizilmegi ýaly işleri öz içine alýar.

2015-2016 we 2019-njy ýyllarda köp görkezijili klaster barlagyň (MICS) ikisi geçirildi. MICS DÖM-iň köp sanly görkezijileri, şol sanda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň möhüm ugurlary boýunça zerur maglumatlary berýär. MICS 2019 DÖM-iň 30 görkezijileri we COVID-19-yň yzda galanlara ýetirip biljek täsiri barada maglumat berdi.

Bu döwürde Türkmenistan BMG-niň goldawy bilen maglumat ugrunda özgerişleri amala aşyrmak üçin birnäçe möhüm barlag işlerini geçirdi. 2018-nji ýylda Çagalaryň semizligine gözegçilik etmek babatyndaky başlangyjy bilen bir hatarda ýokanç däl keselleriň esasy töwekgelçilik faktorlary boýunça barlag geçirildi. Şol bir ýylda Hökümet tarapyndan maşgalalaryň saglygy we ýagdaýy barada barlag geçirildi. Barlagyň netijeleri 2020-nji ýylda tamamlandy we ol DÖM-iň birnäçesi üçin, şeýle hem Türkmenistanyň ösüş ugrunda milli ileri tutulýan ugurlaryna we halkara borçnamalaryna laýyklykda gender deňligi we aýal-gyzlaryň hukuklaryny goramak babatynda döwlet syýasatyny gowulandyrmak üçin hyzmat eder.

2019-njy ýylda Gündogar Ýewropada we Merkezi Aziýada has giňişleýin taslamanyň çäginde BMG-niň goldawy bilen Türkmenistanda azyk gurşawy boýunça barlag geçirildi. Milli banklara we hususy sektora pul geçirmekde we bank önümlerini işläp düzmekde goldaw bermek üçin migrantlaryň we olaryň maşgalalarynyň gowşak taraplary, sowatlylygy we pul geçirimleri bilen baglanyşykly hereketleri boýunça barlag geçirildi.

BMG-niň goldawy bilen Türkmenistan milli statistika ulgamynyň uýgunlaşdyrylan Global baha beriş tekliplerini durmuşa geçirýär. 2020-nji ýyla çenli teklipleriň 41%-i maksatlaýyn görkezijisinden 40% ýokary bolup, durmuşa geçirildi. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti BMG bilen Milli hasaplar ulgamyny (MHU 2008) girizmek üçin işleşýär, ol BMG-niň Statistika Geňeşi (BMG SG) tarapyndan syýasaty işläp düzmek, derňemek we barlag geçirmek maksady bilen kabul edildi we milli makroykdysady hasaplar üçin iň häzirki zaman halkara statistika usulydyr. Mundan başga-da, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti BMG-niň goldawy bilen makroykdysady jemleýji görkezijilere baha bermek, halkara hasapçylyk ülňülerine laýyklyk gelmek we jemi içerki önümiň anyk bahalandyrylmagyny üpjün etmek üçin resmi bolmadyk ykdysady barlagyny geçirdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy we BMG milli meýilnamalaşdyryş ugrunda demografiki çaklamalary ulanmak boýunça işjeň hyzmatdaşlyk edýärler.



*“Biz tötänleýin saýlamak arkaly sebitimizde 800-e golaý hojalyga baryp gördük. Men adamlaryň beren jogaplarynda düýpli üýtgeşmelere şaýat bolýaryn. Indi olar maslahat üçin ýüzlenýärler, çagalarynyň bilim almagyny isleýärler we aladalaryny aç-açan paýlaşýarlar”*

-diýip, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň Daşoguz welaýatdaky bölüminiň MICS toparynyň ýolbaşçysy we bölüm müdiri Gözel Omarowa aýdýar.

Hekaýany şu ýerden doly okap bilersiňiz





# NETIJE 2

2-nji Ileri tutulýan ugur
Ýokary hilli, öz içine alyjy durmuş hyzmatlary

## Mekdepden öň irki, başlangyç we orta bilim bermek hyzmatlarynyň hili öz içine alyjy we halkara ülňülerine laýyk gelmek bilen ýokarlandy



Aýmuhammet serebral ysmazlygy bolan alty ýaşly oglan. Beýleki 2000 çaga bilen bilelikde ol 2015-nji ýyldan bäri ÇIÖ boýunça bölüminde ösüş nogsanlyklary bolan çagalar üçin BMG tarapyndan goldaw hökmünde berlen ÇIÖ boýunça komplekleýin hyzmatlaryndan peýdalanýar.




**2019-njy ýylda Türkmenistan BMG-niň goldawy bilen Çaganyň irki ösüşi (ÇIÖ) boýunça strategiýany kabul etdi we 2020-nji ýylda oňa ÇIÖ boýunça hereketleriň meýilnamasy goşuldy.** Bu ýurduň ÇIÖ boýunça hereketleriň ilkinji pudagara me ýilnamasydygyny belläp geçmek möhümdir we birnäçe ministrlikler - Bilim ministrligi, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, şeýle hem Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi ýurduň içinde ÇIÖ boýunça pudagara utgaşdyrmak mehanizmini döretdi. Täze Strategiýanyň esasy maksady çagalaryň we olaryň ene-atalarynyň ÇIÖ ugrunda esasy hyzmatlarynyň deňhukukly we elýeter bukjasyndan peýdalanyp bilmekleri, şol sanda çagalaryň ösüşine gözegçilik etmek üçin ýokary hilli hyzmatlar bilen üpjün etmek, ene-atalary maglumat we goldaw bilen üpjün etmek, mekdepden öň irki bilimiň ähli çagalar üçin elýeterli bolmagyny we ýerli derejede öz içine alyjy, ýokary hilli, jemgyýetçilik hyzmatlary bilen üpjün etmekdir.

ÇIÖ boýunça täze strategiýa BMG tarapyndan goldaw berlen we bilim pudagyna gönükdirilen öňki ÇIÖ strategiýasyna eýerýär. Ösüş ugrunda hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasynyň hereket eden döwründe, öňki strategiýanyň çäginde mekdepden öň irki bilim bermek boýunça okuw meýilnamalary üçin oýunlaryň esasynda ýokary hilli çeşmeler; ene-atalaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini ýaýbaňlaşdyrmak; ösüşe gönükdirilen sport we oýunlar ýaly mowzuklarda köp sanly resminamalar işlenip düzüldi. Bularyň hemmesi halkara ülňülerine laýyklykda işlenip düzüldi.

Türkmenistan ýaş çagalar üçin irki okuwyň elýeterli bolmagynda we hilini ýokarlandyrmakda öňe gidişlik gazanýar. Bu barada 2015-2016 MICS barlag netijelerinde esasy görkezijisi 33,5% bolandygy bilen deňeşdirenimizde bäş ýaşly çagalaryň 46,2%-i başlangyç mekdepden öň irki bilim alandygy öz beýanyny tapdy. Hökümet BMG-niň goldawy bilen öňe gidişlikleri gazanyp, Türkmenistanda bäş ýaşly çagalar üçin bir ýyllyk, ýokary hilli başlangyç taýýarlygy boýunça we BMG tarapyndan maliýeleşdirilen meýilnamadan ybarat bolan “2020-2025-nji ýyllar üçin Türkmenistanda mekdepden öň irki bilim hyzmatlary bilen üpjün edýän edaralaryň irki ösüş we başlangyç taýýarlygy ýaly ugurlarda işiniň hilini ýokarlandyrmak üçin Maksatnamany” kabul etdi.

Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti BMG bilen bilelikde ilata esasy maglumat habarlaryny ýetirýär. Bilim pudagynda ÇIÖ-niň meseleleri barada habarlar 2017-nji ýylda berlip başlandy.

BMG-niň goldawy bilen Bilim ministrligi başlangyç we orta bilim ulgamynda bar bolan okuw meýilnamalaryny we okuw usullaryny gözden geçirdi. Onuň netijesinde, aşakda bellenip geçilen hereketleri öz içine alýan ýokary hilli bilim ulgamyny döretmek boýunça anyk teklipler işlenip düzüldi.

Häzirki wagtda Hökümet mugallymlary jyns we ýaş aýratynlyklara laýyklykda reproduktiw saglygy babatynda okuwyň bir bölegi hökmünde “Durmuş endikleriniň esaslary” boýunça sapak bermäge taýýarlaýar. 2016-njy ýylda bu taýýarlygy mugallymlaryň bary-ýogy 42%-i geçen bolsa, 2020-nji ýyla çenli bu görkeziji 95%-e çenli ýokarlandy. 2018-nji ýylda BMG-niň goldawy bilen mekdepleriň okuw meýilnamasyna jyns we reproduktiw saglygy ýaly mowzuklar girizildi. Orta bilim ulgamyna durmuş endikleri we ýetginjekler üçin sagdyn durmuş ýörelgelerini saýlamaklary üçin stoluň üstünde oýnalýan oýunlar we wideo materiallar girizildi.

Bilim ministrligi we Ýaşlar guramasy BMG bilen bilelikde ýaşlar üçin “deň-duşlar” atly çemeleşmäni öňe sürüp, üç sany ýaşlar merkezini açdylar. Ýaşlar merkezleri ýaşlar üçin dostlukly çemeleşmeleri ulanmak bilen ýaşlara söhbetdeşlik etmek, reproduktiw saglygy baradaky meseleleri ara alyp

*Biz çaganyň irki ösüşi boýunça merkezine oglum üç ýaşyndaka gatnap başladyk. Gelenimizde Aýmuhammet köp hereketleri etmegi başarmaýardy - ol kellesini tutup bilmeýärdi, gepläp ýa-da elinde ruçka saklap bilmeýärdi. ÇIÖ boýunça hyzmatlaryň goldawy bilen Aýmuhammet ilkinji sözlerini aýdyp başlady. Men hiç wagt onuň öz pikirlerini beýan edip biljekdigini, mekdepde okap biljekdigini asla göz öňüne getirip bilmeýärdim”*

-diýip Aýmuhammediň ejesi Laçyn aýtdy.

Hekaýany şu ýerden doly okap bilersiňiz

maslahatlaşmak we reproduktiw hukuklaryny öňe sürmek üçin platforma bilen üpjün edýärler. Olaryň kampaniýalaryna 25 000 töweregi adam gatnaşdy. Bilim ministrligi BMG-niň goldawy bilen ýaşlaryň bilim ulgamyny ýaýbaňlaşdyrýar we reproduktiw saglygy boýunça "deň-duşlaryň" bilimini bir ýere jemleýär.

Bilim ugrunda çagalara gönükdirilen syýasatdan ugur alyp, hasabat döwründe milli gyzyklanýan taraplar BMG-niň goldawy bilen öz içine alyjy bilim almak boýunça ukyplaryny ösdürdiler. Bu goldaw mekdepden öň irki we başlangyç bilim berýän aýratyn edaralarda öz içine alyjy okuw şertlerini döretmäge gönükdirildi we ösüşi pes bolan çagalaryň esasy bilime geçmegi üçin goldaw bermek üçin döredildi. Mundan başga-da, 3-18 ýaş aralygyndaky maýyplygy bolan çagalary öz içine alýan alty bejeriş merkeziniň hemmesi häzirki wagtda maýyplygy bolan çagalara we olaryň maşgalalaryna köp ugurly goldawy berýär. Iki sany saýlanan çagalar bagynda geçirilen synag çäreleri köp ugurly hünärmenleriň ýolbaşçylygynda öz desgalarynda maýyplygy bolan çagalara aýratyn goldaw berilmegine sebäp boldy.

BMG-niň goldawy bilen Bilim ministrligi maglumatlary ýygnamak we derňemek, bilimiň hilini ölçemek we pudakdaky ösüşe gözegçilik etmek boýunça alnyp barylýan işleriň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen bilimi dolandyrmak boýunça elektron maglumat ulgamyny (EMIS) döretdi. BMG jyns we ýaş aýratynlyklary esasynda maglumatlary elýeter etmek bilen gyzlaryň we oglanlaryň, şol sanda maýyplygy bolan çagalaryň bilim almagynyň elýeterliligini yzarlamak üçin EMIS bilen işleşdi. Käbir maglumatlar ÝUNISEF-iň Barlag merkeziniň web sahypasynda elýeterlidir.

2016-njy ýylda Çaganyň hukuklaryny goraýan ýaşlar - Türkmenistanyň Halkara Ynsanperwer we Ösüş Uniwersitetiniň talyplary Halkara çagalary goramak gününe bagyşlanan dabaraly baýramçylykda üns merkezinde boldular. Uniwersitetleriň 500-e golaý talyplary we mugallymlary dürli çärelere gatnaşyp, çagalaryň hukuklaryny öňe sürmegiň we goramagyň, şeýle hem Çaga hukuklary boýunça konwensiýanyň ýörelgelerini berjaý etmegiň ähmiýetini bellediler. Talyplar hekaýalar, afişalar, wideorolikler, suratlar, wiktorinalar we sergiler arkaly çaganyň hukuklary barada bilimlerini paýlaşdylar. Şeýle hem talyplar sergide zehinli ýaş talyplaryň çeper we akademik eserlerini görkezýän afişalar arkaly Türkmenistanda çaganyň hukuklaryny öňe sürmek boýunça öz pikirleri bilen paýlaşdylar. Afişalar bilim almak, saglygy goramak we zorlukdan goramak ýaly çaga hukuklaryny öňe sürmek ugrunda talyplaryň isleglerini şöhlelendirýärdi.

2017-nji ýylda mowzugy #KidsTakeOver bolan Bütindünýä çagalar gününde ýaşlar BMG-niň binasyna öz nesilleri üçin iň möhüm meseleleri şöhlelendirmek üçin ýygnandylar. Ýaşlar meýilnamalaryny, şeýle hem çaganyň hukuklary barada mandatlary öňe sürmek we DÖM-i durmuşa geçirmek boýunça usullary bilen paýlaşmak üçin gezekli gezegine ÝUNISEF-iň wekiliniň wezipesini uly höwes bilen ýerine ýetirdiler.

2018-nji ýylda BMG-niň goldawy bilen Aşgabatda we sebitlerde Liderlik akademiýasy we innowasiýa laboratoriýasy geçirildi. Dürli dil toparlardan bolan ýaşlar saglygy goraýyş, daşky gurşaw, öz içine alyjylyk, ýaşlaryň gatnaşmagy we bilim ýaly ugurlar boýunça durmuş taýdan innowasion taslamalaryny hödürlediler. Ýaşlar durmuş taýdan innowasion taslamalaryň 28 sanysyny döretdiler. Akademiýa gatnaşan 220 sany ýaşlar orta mekdebiň ýokary synp okuwçylary, uniwersitetleriň we hünärment mekdepleriň okuwçylary, maýyplygy bolan ýaşlar we ýetimler ýaly adamlardan ybarat bolan ilatyň dürli gatlaklary bilen tanyşdylar. Akademiýanyň gatnaşyjylary tarapyndan ýüze çykarylan meseleler we durmuş taýdan innowasion taslamalary 2021-2026-njy ýyllar üçin ýaşlar syýasaty babatyndaky Kanuny durmuşa geçirmek boýunça Döwlet maksatnamasynyň hereket meýilnamasyna girizildi.







# NETIJE 3

2-nji Ileri tutulýan ugur
Ýokary hilli, öz içine alyjy durmuş hyzmatlary

## Durmuş goraglylyk ulgamy ýerli derejede öz içine alyjy, ýokary hilli hyzmatlary bilen üpjün etmäge taýýar



Türkmenistanyň Hökümeti, DÖM-e laýyklykda milli ileri tutulýan ugurlara ýetmek maksady bilen orta möhletli milli ösüş ugrundaky meýilnamasynda we adam hukuklary ugrunda hereketleriň meýilnamalarynda durmuş hyzmatlaryny ýokarlandyrmagy göz öňünde tutdy. Jemgyýetçilik hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, jemgyýetçilik işi boýunça düşünjäni girizmek we ýerli derejede durmuş hyzmatlaryny ösdürmek Türkmenistanda durmuş goraglylygy ulgamyny gowulandyrmak üçin möhüm şertler hökmünde yglan edildi.

Bu meselä jogap edip, BMG-niň düzümleýin edaralarynyň birnäçesi we Türkmenistanyň Hökümeti 2019-njy ýylyň dekabr aýynda çagalar, maýyplygy bolan adamlar, aýallaryň hukuklary babatynda halkara konwensiýalaryna we DÖM-e laýyklykda öz içine alyjy, ýokary hilli, ýerli derejede durmuş hyzmatlaryny girizmek üçin iki ýyllyk bilelikdäki maksatnama gol çekdiler. Durmuş hyzmatlary boýunça işe alnan täze 45 hünärmeniň başlangyç okuwy Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligine Türkmenistanyň ähli sebitlerinde ilatyň ejiz gatlaklaryna ilkinji bahany bermek üçin olaryň işlerini ýaýbaňlaşdyrmaga mümkinçilik berdi.

**Bilelikdäki maksatnamanyň çäginde Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi ýerli derejede durmuş hyzmatlarynyň täze nusgasyny girizýär we durmuş hyzmatlary boýunça milli hünärmenleriň ukuplaryny artdyrýar.** Ýerli derejede durmuş hyzmatlary ene-atadan aýrylmak howpuna düşen çagalara, ene-atasyz çagalara, maýyplygy bolan çagalara, howp astyndaky ýaşlara, jyns esasynda zorluga sezewar bolan aýallara, maýyplygy bolan adamlara we gündelik esasynda idege we goldawa mätäç bolan garrylara goldaw berer. 2018-nji we 2019-njy ýyllarda Bilim ministrligi BMG-niň goldawy bilen Mugallymçylyk mekdebinde we Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde durmuş işi boýunça okuw meýilnamasyny girizdi.

## NETIJE 3

Hasabat döwründe Türkmenistanda esasy üstünlik 2018-nji ýylda başlanan 10 ýyllyk meýilnama laýyklykda durmuş hyzmatlaryň ornaşdyrylmagy boldy. 2019-njy ýyla çenli sebitleýin merkezlerde 1,963 adam durmuş hyzmatlary bilen üpjün edildi, şolardan 1,545-si aýallar we 418-si erkekler. Durmuş hyzmatlaryndan peýdalanan iň köp adam Lebap welaýatyndan (507) we Aşgabatdan (505) boldy.



Hökümetiň durmuş hyzmatlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksadyna laýyklykda BMG ýerli raýat jemgyýetçilik guramalaryň we durmuş hyzmatlary bilen üpjün edýän ministrlikleriň wekilleriniň ukyplaryny ýokarlandyrdy. 2018-nji ýylyň noýabr aýynda Hökümet we BMG "Türkmenistanda durnukly ösüş üçin durmuş hyzmatlaryny üpjün etmekde jemgyýetçilik guramalarynyň orny" atly forum gurady. Bu çäre ýurtda durmuş taýdan şertnamalary nädip girizmelidigini kesgitlemek üçin hyzmatdaşlaryň arasynda öndürijilikli gepleşiklere itergi berdi. 2018-nji ýylda BMG-niň Türkmenistanda jemgyýetçilik hyzmatlaryna tiz wagtda baha bermegi bilen hereket edýän kanunyň çäginde durmuş taýdan şertnamany iş ýüzünde girizmek üçin mümkin bolan gysga möhletli çäreler kesgitlendi.

2020-nji ýylda global pandemiýa tarapyndan ýüze çykan kynçylyklara garamazdan, bu ugurda BMG-niň goldawy bilen okuw dowam etdirildi we durmuş işi boýunça işgärler goşmaça işe alyndy. 2021-nji ýylda, häzirki wagtda durmuş işi boýunça 45 işgär Türkmenistanda bäş welaýatynda hyzmat edýärler.

BMG bilen bilelikde Hökümet ilatyň arasynda durmuş hyzmatlary barada habarlylygy ýokarlandyrmak ugrunda iş alyp barýar. 2019-njy ýylyň MICS barlagy ýerli derejede hyzmatlardan nirede we nädip peýdalanyp boljakdygyny bilýän



Durmuş hyzmatlary boýunça işe alnan täze 45 hünärmeniň başlangyç okuwy Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligine Türkmenistanyň ähli sebitlerinde ilatyň ejiz gatlaklaryna ilkinji bahany bermek üçin olaryň işlerini ýaýbaňlaşdyrmaga mümkinçilik berdi.

ilatyň paýy barada ýaşaýyş, ýaş we maýyplyk ýagdaýy boýunça bölünmedik maglumatlar berýär.

Hyzmatdaşlary “Keýik Okara” we Gyzyl Ýarymaý Milli Jemgyýetiniň üsti bilen ýurtdaky bosgunlara maliýe goldawy berildi. BMG-niň goldawy bilen Keýik Okara jemgyýetçilik guramasy köpüsi Owganystandan bolan we BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça ýokary komissarynyň mandatyna laýyklykda ykrar edilip galan 21 bosgunlar (10 aýal we 11 erkek) üçin uzak möhletli çözgütlere itergi berýän alternatiw ýollaryny tapmak üçin durmuş hyzmatlaryna mätäç bolan şahsyýetleriň ýüzbe-ýüz bolýan kynçylyklaryny öwrenmegi dowam etdirdi.

BMG-niň goldawy bilen işlenip düzülen raýatsyzlygy aradan aýyrmak boýunça hereketleriň Milli Meýilnamasy (2019-2024) 2019-njy ýylyň ýanwar aýynda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan resmi taýdan tassyklandy. Ýol kartasy raýatsyzlygyň öňüni almak üçin kanuny özgertmeleri we 2022-nji ýylda geçiriljek milli ilat ýazuwy arkaly ýurtda raýatsyzlyk barada doly derejede ygtybarly maglumatlary döretmegi öz içine alýar. 2020-nji ýylda Türkmenistan 2,580 adama raýatlyk bermek arkaly raýatlygy bolmadyklaryň sanyny hasam azaltdy, ýöne esasy statistiki maglumatlaryň bolmandygy sebäpli, ýurtda raýatlygy aradan aýyrmak boýunça umumy gazanaylanlary ölçemek kyn. 2016-2020-nji ýyllar aralygynda jemi 7,249 raýatsyz adam ýüze çykaryldy, şol bir wagtda milleti tassyklanmadyk 770 adama Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli Jemgyýeti we Keýik Okara jemgyýeti tarapyndan Aşgabatdaky ilçihanalar bilen aragatnaşyk arkaly üçünji ýurtdan raýatlygy almaga hukugynyň bardygyny anyklamak, şeýle hem zerur bolan şahsy (dogluş hakynda şahadatnamalar ýaly) resminamalary almak boýunça goldaw berildi.

NETIJE
3

Durmuş hyzmatlaryndan we goldawyndan peýdalanýanlar:




*Sosial goraglylyk ulgamlaryny durmuşa geçirmek*




Öý hojalygy

Islendik sosial geçirimler ýa-da peýdalar

*“Meniň üçin bu uly bagt. Indi men Türkmenistanyň raýaty hökmünde ses berip we ähli hukuklardan peýdalanyp bilýärin ... Men esasan hem indi erkin syýahat edip biljekdigime begenýärin. Belli bir derejede öňem syýahat edip bilerdim, ýöne raýatlygyňyz ýok bolsa gidip bolmajak ýurtlar hem bar. Mysal üçin men elmydama Hindistana baryp görmek isleýärdim, ýöne pasportymyň ýokdugy sebäpli bu mümkin däldi. Indi arzuwym hasyl bolup biler.”*

Hekaýany şu ýerden doly okap bilersiňiz




Daşoguz welaýatyndan 45 ýaşly Mukaddas Ýusupowa 2019-njy ýylda raýatlyk we pasport alan ozal raýatlygy bolmadyk şahsyýetleriň biridir. 1995-nji ýylda ol durmuşa çykmak üçin Özbegistandan Türkmenistana göçüp geldi. 2015-nji ýylda ol Türkmen raýatlygyny almak üçin ýüz tutdy we indi raýat bolanyna buýsanýar.

Surat | BMG Türkmenistanda





NETIJE

4

2-nji Ileri tutulýan ugur

Ýokary hilli, öz içine alyjy durmuş hyzmatlary

Türkmenistanyň halky, esasanam ejiz gatlaklar aýal-gyzlaryň we çagalaryň saglygyna, iýmitlenişine, ýokanç däl kesellere, inçekesele we köp sanly derman serişdelerine durumly inçekesele, şeýle hem keselleriň öňüni almaga gönükdirilen ýokary derejeli saglygy goraýyş hyzmatlaryndan peýdalanýarlar



Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligini goldamak bilen BMG üç aýa dowam etjek göwreliligiň öňüni alyş serişdeleri bilen üpjün edýär. Bu göwreliligini gysga wagtlaýyn yza süýşürmek isleýän aýallar üçin gowy usuldyr.

**Hökümet 2015-nji ýyldan bäri aýal-gyzlar üçin reproduktiw saglygy boýunça hyzmatlary we harytlary, şol sanda ötüşen keselli, maýyplygy bolan we pes girdejili aýal-gyzlara (15 ýaşdan) ýardam bermek üçin maliýe serişdelerini sarp edýär. 2015-2020-nji ýyllar aralygynda Hökümet reproduktiw saglygy, gender deňligi, maglumatlar we ýaşlar boýunça bilelikdäki maksatnamalar üçin 1 million dollar goşant goşdy we häzirki wagtda BMG-niň bu ugurdaky işlerini maliýeleşdirmek boýunça iň uly howandarlarynyň biri boldy.** Häzirki wagtda ýatgynyň düwnük keselini barlamak boýunça ilkinji lukmançylyk-sanitar kömeginiň çäginde reproduktiw saglygy baradaky klinikalaryň 90%-inde geçirilýär. 2020-nji ýylda Hökümet Türkmenistanda reproduktiw saglygy, enäniň, täze doglanlaryň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygy boýunça BMG-niň goldawy bilen işlenip düzülen 2020-2025-nji ýyllar üçin hereketleriň Meýilnamasyny tassyklady. Olar Türkmenistanda 2015-2019-njy ýyllar üçin enäniň, täze doglanlaryň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunça Milli strategiýalara we hereketleriň Meýilnamasyna esaslanýar.

Hasabat döwründe Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi BMG-niň goldawy bilen gyssagly akuşerçilik kömegi barada kliniki teswirnamalary taýýarlady. Kabul edilen kliniki teswirnamalara laýyklykda kompleksleýin gyssagly akuşerçilik we neonatal ýardamyny berýän çaga dogrulýan öýleriň paýy 2016-njy ýylda 42%-den 2020-nji ýylda 83%-e çenli ýokarlandy.

Bu ugurlarda ünsi artdyrmak täsirli netijeleri berdi. Göwreliligiň birinji üç aýlygynda dogrumdan öň ýardamyny alýan göwreli aýallaryň paýy 2016-njy ýylda 70%-den 2020-nji ýylda 91%-e çenli ýokarlandy. Türkmenistanda eneleriň ölüm derejesi häzirki wagtda sebit boýunça iň pes ýurtlaryň birine öwrüldi.

*“Biz ýoldaşym bilen üçünji çagamyzyň bolmagyna birnäçe ýyl garaşdyk” diýip Mary welaýatynda reproduktolog tarapyndan ýaňy barlagdan geçirilen Jeren aýdýar. “Ýöne barlagyň netijesi mende ganazlygyň bardygyny görkezdi we maşgala meýilleşdirmezden ozal bejergi almak maslahat berildi.”*

Hekaýany şu ýerden doly okap bilersiňiz

## NETIJE 4

2019-njy ýylda geçirilen köp görkezijili klaster barlagyna (MICS) görä, 2016-njy ýyldan bäri bäş ýaşa ýetmedik çagalaryň ölüm derejesi her 1000 diri doglan çaga gatnaşykda - 51-den 38-e çenli düşdi. Şeýle-de bolsa, bu ölüm derejesi Merkezi Aziýada resmi taýdan iň ýokary görkeziji bolup durýar. Neonatal ölüm derejesi hem peseldi, şol döwrüň içinde her 1000 diri doglan çaga gatnaşykda 23-den 22-ä çenli azaldy.

| | 2016 ölüm | 2019 ölüm |
|---|---|---|
| < 5 ýyllar | 51 her 1000 diri doglușda | ↓ 38 her 1000 diri doglușda |
| neonatal | 23 her 1000 diri doglușda | ↓ 22 her 1000 diri doglușda |

Häzirki wagtda Hökümet çagalaryň ölümini azaltmak boýunça usullara seredýär. BMG-niň goldawy bilen Pediatriýa we irki gatyşmany girizmek üçin Milli düşünje we hereketleriň meýilnamasy işlenip düzüldi.

Bu döwürde immunizasiýa ýokanç keselleriň ýaýramagynyň öňüni almak we gözegçilikde saklamak, şeýle hem çaganyň ölümini azaltmak üçin möhüm ähmiýete eýe boldy. Hökümet bilen BMG-niň arasynda köpden bäri dowam edip gelýän hyzmatdaşlygyň bir bölegi hökmünde 2009-njy ýyldan 2020-nji ýyla çenli Türkmenistanda sanjymlary satyn almak üçin milli maliýeleşdiriş işleri takmynan iki esse ýokarlandy we häzirki wagtda immunizasiýa bilen baglanyşykly ähli çykdajylary öz içine alýar. Netijede, antigenler bilen immunizasiýalaşdyrmak ugrunda giňişleýin maksatnama boýunça immunizasiýanyň gurşap alan görkezijileri ýokary bolmagynda galdy: 2016-njy ýylda çagalaryň 98%-i täjihoraz, gökbogma, bürmek ýaly kesellere garşy (DPT3) sanjymyň üçünji dozasyny, 2019-njy ýylda bolsa 99%-i aldy. Täze sanjymlary ornaşdyrmakda möhüm öňe gidişlik gazanyldy we 2016-2020-nji ýyllar üçin BMG-niň ösüş ugrunda hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasynyň çäginde aşakdaky sanjymlar girizildi: adamyň papilloma wirusyna garşy sanjymy (2016-njy ýylda HPV), poliomiýelit keseline garşy sanjym (2016-njy ýylda IPV), pnewmokok konýugat sanjymy (PCV), rotawirus we A gepatit ýokanç kesellerine garşy sanjymlar (2019-njy ýylda). Türkmenistan häzirki wagtda BSGG tarapyndan maslahat berlen sanjym meýilnamasyna doly laýyk gelýär.

Hasabat döwründe BMG-niň goldawy bilen birnäçe milli meýilnamalar işlenip düzüldi. Ýokanç keseller barada aýdylanda, bulara Dümewiň pandemiýasyna

2016-njy ýylda Türkmenistanda çaganyň boý sürmek ugrunda togtama sebäp bolýan ýagdaýlar 11,5%-den (ortaça) we 2,7%-den (agyr) 2019-njy ýylda 7,1%-e (ortaça) we 2,4%-e çenli peseldi. BMG-niň tehniki goldawy bilen iýmitlenmek babatynda Milli maksatnamasy (2019-2025), şeýle hem saglygy berkitmek we iýmitlenmek bilen baglanyşykly ýokanç däl keselleriň öňüni almaga gönükdirilen 2020-2025-nji ýyllar üçin ilatyň sagdyn iýmitlenmegi boýunça Milli maksatnamasy işlenip düzüldi.

2016
kadaly ösüşiň togtamagy

2019
kadaly ösüşiň togtamagy

11.5 per cent ortaça

2.7 per cent agyr



7.1 per cent ortaça

2.4 per cent agyr

Hökümet BMG-niň goldawy bilen iýmitlendiriş mikroelementleriň ýetmezçilik mukdaryny pese düşürmek, şol sanda premiks bilen uny baýlaşdyrmak arkaly çäreleri görýär. Mundan başga-da, “Ene süýdi bilen iýmitlendirmek barada” täze kanun (2016), şeýle hem “Körpeleri we ýaş çagalary iýmitlendirmek baradaky” düzgünnama (2017) kabul edildi. Indi saglyk merkezleriniň hemmesi çaga üçin amatly hökmünde hasaba alyndy. Bu çäreleriň netijesinde, çaga ömrüniň ilkinji alty aýynda diňe ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň görkezijileri 2006-njy ýylda 11%-den 2019-njy ýylda 56,5%-e çenli ýokarlandy.

garşy Milli taýýarlygy görmegiň Meýilnamasy, 2019-2030-njy ýyllar üçin Türkmenistanda wirusly gepatite garşy gözegçilik çärelerini güýçlendirmek boýunça strategik Meýilnamasy, 2020–2025-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň ilatynyň saglygynyň howa şertleriniň üýtgemegine we onuň ýaramaz täsirlerine uýgunlaşmagy baradaky Milli Meýilnamasy, 2017-2025-nji ýyllar üçin Türkmenistanda mikroblara garşy serişdelere durnuklylygy saklamak baradaky Milli strategiýasy, Milli syýasy meýilnamalary, Türkmenistanda barlaghanalaryň saglygy goraýyş hyzmatlaryny ösdürmek barada strategik we amaly Meýilnamalary (2018ý.) we adatdan daşary ýagdaýlar barada habar bermek boýunça milli Meýilnamasy (2018ý.) girýär. Mundan başga-da, epidemiýa derňewi we olara garşy çäre görmek, kliniki dolandyryş we ýiti respirator ýokanç kesellerine epidemiologik gözegçilik, barlaghanalarda hili dolandyrmak we nusgalaryň we biomateriallaryň geçirilmegi ýaly ugurlar boýunça görkezmeler taýýarlandy. Bu gurallaryň hemmesi mümkinçilikleri ýokarlandyrmak we Türkmenistanyň ilaty üçin ýokary hilli saglygy goraýyş hyzmatlaryna elýeterliligi gowulandyrmak üçin niýetlenendir.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi we BMG ýaşlaryň saglygyny ýokarlandyrmak ugrunda hem iş alyp barýarlar. Ýaşlar üçin emosional we beden saglygy baradaky web sahypasy (https://yashlyk.info/) 2014-nji ýylda döredilip, 2018-nji ýyldan bäri meşhurlyk gazandy. Häzirki wagtda her aýda ondan 8000 gezek peýdalanylýar.

2016 2017-2018



Temmäki ulanylmagy

8.3% ↓ 3.4%

2013-nji ýylda 18-69 ýaş aralygyndaky adamlaryň arasynda temmäkiniň ulanylmagy 8,3%-den 2018-nji ýylda 3,4%-e çenli pese düşdi. Bu özgertme BSGG-niň Türkmenistanda 2017-2021-nji ýyllar üçin Temmäkä garşy göreşmek baradaky çarçuwaly Konwensiýasyny durmuşa geçirmek boýunça hereketleriň Meýilnamasynyň birinji ýylynda boldy. Şol bir ýylyň özünde “Temmäkisiz awtoulag” atly başlangyç başlandy. Temmäkini taşlamak boýunça görkezmeler BMG-niň goldawy bilen işlenip düzüldi we 2019-njy ýylda tassyklandy. Mundan başga-da, BMG “2019-njy ýylda Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň temmäkisiz Ýewropa sebitine tarap” atly Aşgabat jarnamasynyň ýerine ýetirilişi barada hasabatyň çap edilmegini goldady




2019-njy ýylda Türkmenistanda Bütindünýä neşe serişdelerine garşy gününe bagyşlanan dabaralar geçirildi. Döwlet edaralarynyň, hukuk goraýjy edaralarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, halkara we raýat jemgyýeti guramalarynyň 600-den gowrak wekilleri bu güni bellemek üçin 21-nji iýunda Aşgabat şäheriniň we 26-njy iýunda Mary welaýatynyň iň uly söwda merkezinde ýygnandylar. Suratkeşler, aýdymçylar, jemgyýetçilik guramalary we ýaşlar neşekeşligiň we jenaýatyň töwekgelçilikleri we netijeleri barada köpçülige habar berdiler we zorlugyň öňüni almak barada çykyş etdiler. Hukuk goraýjy edaralarynyň, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, raýat jemgyýeti guramalarynyň we BMG-niň wekilleri neşekeşlik, jenaýat we zorlugyň öňüni almak, şeýle hem sagdyn durmuş ýörelgeleri barada çykyş etdiler.

Hasabat döwründe Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi we beýleki degişli döwlet edaralary BMG bilen subutnamalara esaslanýan, neşe serişdelerine garaşlylygy bejerýän hyzmatlar bilen üpjün etmek boýunça bilimlerini we başarnyklaryny ýokarlandyrmak üçin hyzmatdaşlyk etdiler.




Neşe garaşlylygy ugrunda hünärmenleri

Neşe serişdelerine garaşlylygy bejerýän hyzmatlar



Hususan-da, neşe garaşlylygy ugrunda hünärmenleriň 100-den gowragy neşe serişdelerine garaşlylyk boýunça bejeriş we reabilitasiýa hyzmatlaryny bermek üçin bilimlerini we başarnyklaryny artdyrdy.

Ýürek-damar kesellerinden, düwnük keselinden, süýji keselinden we ötüşen respirator kesellerinden ölümleriň derejesini pese düşürmek boýunça öňe gidişlik pese düşdi. Bu kesellerden ölen adamlaryň umumy sany 2016-njy ýylda 24,9%-den 2019-njy ýylda 23,2%-e çenli azaldy. Ýürek keseliniň we insultyň öňüni almak üçin lukmançylyk bejergisine we maslahatyna (şol sanda hem glikemiýa gözegçilik etmek) mätäçleriň sany 2016-njy ýylda 25%-den 2017-2018-nji ýyllarda 79,3%-e çenli ýokarlandy (indiki gözleg 2023-nji ýylda meýilleşdirilýär). 2020-nji ýylda Hökümet we BMG 2021-2022-nji ýyllar üçin ýokanç däl kesellere (ÝDK) garşy göreşmek baradaky milli Meýilnamanyň durmuşa geçirilmegini goldamak üçin möhüm şertnama gol çekdiler. Çäreler milli kliniki teswirnamalary gözden geçirmek, milli satyn alyş we üpjünçilik zynjyryny berkitmek, şeýle hem ýokanç däl keseller üçin ýokary hilli, tygşytly dermanlary satyn almak ýaly işleri öz içine alar. Bu barada BMG-niň goldawy bilen 2018-njy ýylda tamamlanan ýokanç däl keselleriň netijelerini gowulandyrmak boýunça geçirilen bahalandyrmada aýdylýar.

Türkmenistan sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz edýär. BMG-niň goldawy bilen 2018-2025-nji ýyllar üçin Alkogolyň zyýanly täsirlerini azaltmak boýunça milli strategiýa we hereketleriň meýilnamasy, 2018-2025-nji ýyllar üçin bedenterbiýe işjeňligini ýokarlandyrmak boýunça Milli strategiýa we hereketleriň Meýilnamasy işlenip düzüldi. 2017-nji ýylda Lebap welaýatynda oba ýerlerinde ýaşaýan 35 ýaşly we ondan ýokary ýaşly aýallaryň arasynda bedenterbiýe işjeňligini höweslendirmek üçin synag taslamasy başlandy.






Inçekesel we köp dermanlara durumly inçekesel bilen ýokaşmak 100,000 adama (2015-nji ýylda) 70 hadysanyň esasy görkezijisinden 2019-njy ýylda 100,000 adama 45 hadysa çenli azaldy. Hasabat döwründe Türkmenistanda inçekeseliň öňüni almak we gözegçilikde saklamak boýunça köp ýyllyk işler, inçekesel bilen kesellänleri barlamak we bejermek üçin işler dowam etdi.

Inçekesel

2015 — 2019

70 100,000 adama hadysanyň esasy

45 100,000 adama hadysanyň esasy

Milli infrastruktura we enjamlar kämilleşdirildi we lukmançylyk hünärmenlerine ýöriteleşdirilen taýýarlygy berildi. Türkmenistan BMG bilen bilelikde inçekesele garşy göreşmek ugrunda tagallalary maliýeleşdirýär we şeýlelik bilen, bu döwürde milli maliýe serişdeleri artdy.

Milli infrastruktura we enjamlar kämilleşdirildi

lukmançylyk hünärmenlerine ýöriteleşdirilen taýýarlygy berildi

Saglygy goraýyş hyzmatlaryna elýeterliligi gowulandyrmak üçin 2020-nji ýylda BMG-niň goldawy bilen kanunçylyk namalara üýtgetmeler girizildi. Bu üýtgeşmelere laýyklykda obalarda, uzak we barmasy kyn bolan ýerlerde, şeýle hem aýratyn iş şertleri bolan işlerde işleýän lukmanlar resmi aýlyklaryndan başga goşmaça tölegler, kommunal hyzmatlarynyň öwezini dolmak, aýry ýaşaýyş jaý gurluşyklary üçin ýer bölekleri bilen üpjün etmek we beýleki ýeňillikler ýaly durmuş goldawyny alyp bilerler.

Birleşen Milletler Guramasy Türkmenistanda saglyk meseleleri boýunça uly maslahatlary geçirdi. 2018-nji ýylda BMG-niň düzümleýin edaralary tarapyndan goldanýan Merkezi Aziýada we Kawkazda sekiz döwlet sebit boýunça iň ejizleriň iýmitleniş we azyk howpsuzlyk ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen mümkinçilikleri we dolandyryşy güýçlendirmek boýunça borçnamany Iýmitleniş ugrunda ukyby we hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin sebitleýin platformanyň Türkmenistanda geçirilen resmi açylyş dabarasynda kabul etdiler. 2019-njy ýylda ýurtda “Ýewropada Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ýokanç däl keseller boýunça goýlan maksatlara ýetmek üçin wagt geldi “ atly BSGG-niň ýokanç däl keselleri boýunça ýokary derejeli Ýewropa maslahaty geçirildi:.



2020-nji ýylyň oktýabr aýynda BMG-niň wekilleri Aşgabat şäheriniň we Ahal welaýatynyň sekiz mekdebine baryp, çagalaryň arasynda el ýuwmagyň möhümdigi barada habarlylygy ýokarlandyrmak we saglyklaryny goramak üçin elleri näme üçin, haçan we nädip ýuwmalydygyny ýatlatdylar.



*“Biz öý haýwanlary bilen oýnanymyzdan soňra ellerimizi ýuwmalydyrys. Nahar iýmezden ozal we top oýnanymyzdan soňra ellerimizi ýuwmalydyrys”*
- diýip, Aşgabatda 89-njy mekdebiň okuwçysy Çynar Daňgylyjowa çagalar üçin el gigiýenasy boýunça okuwyň dowamynda aýtdy.

Hekaýany şu ýerden doly okap bilersiňiz

NETIJE

5

3-nji Ileri tutulýan ugur

Daşky gurşawyň durnuklylygy we energiýa tygşytlylygy

## Milli syýasat, kanunçylyk we institusional mehanizmler ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak we energiýa tygşytlylygy, energiýanyň täzelenýän çeşmelerini ulanmak, şäher ösüşi we galyndylary dolandyrmak boýunça durnukly tejribäni öňe sürmek maksady bilen täzeden gözden geçirildi




2019-njy ýylda BMG- dokma önümleriniň we geýilen egin-eşikleriniň durnukly ulanylmagyny öňe sürmek üçin we “azaltmak-gaýtadan ulanmak-gaýtadan işlemek” boýunça usullaryň ulanylmagyny dowam etdirmegi goldamak üçin “ýaşyl” başlangyjy ýola goýdy. Bu başlangyç häzirki zaman ymtylyşlary we çeşmelerden peýdalanmagyň ýerliksiz çemeleşmelerini azaltmak maksady bilen döredildi. Ýaş ýerli dizaýnerler ulanylan egin-eşiklerden we zatlardan ýasalan täze eşikleri, sumkalary we öý bezegleri ýaly önümlerini hödürlemek üçin işlediler. Bu çäre modanyň durmuş we ykdysady, şeýle hem daşky gurşawa ýetirýän ýaramaz täsirini azaltmak üçin çäreleri geçirmäge gönükdirildi.

**Hökümet we BMG-niň daşky gurşawyň durnuklylygy we energiýa netijeliligi ugrunda bilelikdäki işi energiýany tygşytly peýdalanmak, energiýanyň täzelenýän çeşmelerini ulanmak, şäher we galyndylary dolandyrmak boýunça durnukly tejribäni ösdürmäge gönükdirildi.** Munuň özi energiýany tygşytlamak, täzelenýän çeşmeleri ulanmak, şeýle hem oba we şäher ýerlerinde galyndylary dolandyrmak boýunça çäreleriň barlagyny we synagyny geçirmegi içine aldy. BMG energiýany tygşytlaýyş usullaryny ýokarlandyrmak we energiýanyň alternatiw çeşmelerini ulanmak, ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak we galyndylary dolandyrmak boýunça milli kanunçylyk we institusional esaslary güýçlendirmekde Hökümetiň esasy strategik hyzmatdaşy boldy. Hasabat döwründe Türkmenistan energiýa tygşytlylygy boýunça ülňüleri we tejribeleri, energiýanyň täzelenýän çeşmeleri ulanmagy we galyndylary durnukly dolandyrmagy öz içine alýan sekiz sany kanunlary, kadalary we proseduralary işläp düzdi ýa-da üýtgetmeleri girizdi.

2019-njy ýylda Türkmenistan Pariž şertnamasyny durmuşa geçirmek ugrunda 4-nji Milli tabşyryk boýunça hereketleriň meýilnamasyny taýýarlamagyň çägindeBMG-niň goldawy bilen işlenip düzülen Howanyň üýtgemegi barada Milli strategiýany kabul etdi. Hereketleriň meýilnamasyny taýýarlamak 2020-nji ýylda dowam etdirildi. Hökümet milli derejede kesgitlenen goşandyny (NDC) täzeden gözden geçirýär we ýyladyşhana gazlaryny azaltmak we uýgunlaşmak üçin has anyk maksatlary işläp düzýär. Mundan başga-da, 2020-nji ýylda Türkmenistanyň täzelenýän energiýa baradaky Milli strategiýasy we kanuny kabul edildi.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň "Galyndylar baradaky" kanuny üçin BMG tarapyndan birnäçe kadalaşdyryjy tehniki gollanmalar we kadalaşdyryjy hukuk namalary işlenip düzüldi. Durnuklylyga tarap ýene bir gadam hökmünde galyndylary dolandyrmak boýunça Milli strategiýanyň taslamasy işlenip düzüldi.

Suw pudagynda energiýany tygşytlamak üçin uly üstünlikler gazanyldy. 2018-nji ýylyň aprel aýynda BMG-niň goldawy bilen Kaka şäherinde ýerasty suw ýitgileriniň öňüni almak üçin 15 km uzynlykda suw geçirijisi işe girizildi. Netijede ýylyň her paslynda 40 töweregi suw sorujylary öçürildi we ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylary azaldy. Häzirki wagtda ýurduň bäş welaýatynda täze gurlan energiýa tygşytlaýjy suw sorujy desgalaryna gözegçilik edilýär; gözegçiligiň netijeleri BMG-niň goldawy bilen işlenip düzülen suw sorujylaryny çalyşmak we kämilleşdirmek boýunça täzelenen tehniki meýilnamasynda öz beýanyny tapdy. Bu bolsa suw pudagynda CO2 zyňyndylarynyň azalmagyna sebäp bolar. 2019-njy ýylda suwaryş üçin ulanylan bäş sany könelen, netijesiz suw sorujylary çalşyldy. Täze gurlan, döwrebap, energiýa tygşytlaýan suw sorujylary niýetlenen oba ýerlerinde suw üpjünçiliginiň netijeliligini we ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak üçin mümkinçilikleri döretmek bilen daýhanlara göni peýda getirer. Türkmenistanda ygtybarly suw üpjünçiliginde şuňa meňzeş kynçylyklar bilen baglanyşykly başga-da birnäçe ilatly nokadyň bardygy sebäpli, bu tehnologiýalary köpeltmek boýunça mümkinçilik ýeterlik ýokarydyr.

2019-njy ýylda Hökümet kompleksleýin energiýa barlagy we energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalar esasynda we BMG-niň goldawy bilen işlenip düzülen Aşgabat



şäheriniň köçelerini ýşyklandyrmak üçin çäreleri tassyklady. Netijeler ýurtda şäher köçelerini ýşyklandyrmak boýunça ulgamlaryň ösüşine täsir eder.

2020-nji ýylda Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi we BMG howa we topragyň hiline baha bermek we gözegçilik üçin enjamlary döwrebaplaşdyrdy. Daşky gurşawa gözegçilik gullugynyň we onuň sebitleýin bölümleriniň daşky gurşaw gözegçiligi boýunça hünärmenleri daşky gurşaw şertlerine netijeli gözegçilik etmek üçin ukyplaryny ýokarlandyrmak üçin taýýarlyk okuwyny geçdiler.

Daşky gurşaw baradaky gün tertibi galyndylary yzygiderli ýygnamak, şeýle hem Aşgabatda we onuň töwereginde nahal oturtmak kampaniýalary arkaly öňe sürüldi.

BMG Strategik Daşky Gurşaw Bahalandyryşy (SDGB) geçirmek üçin tehniki-ykdysady esaslandyryş, şol sanda SDGB-niň peýdaly taraplaryna, esaslaryna we düzgünlerine degişlilikde tebigaty goraýyş we meýilleşdiriş işleri boýunça pudaklaýyn edaralarynyň ukyplaryny ýokarlandyrmak, şeýle hem ýurtda we Merkezi Aziýa ýurtlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça işlere başlady.

## NETIJE 5

**Oba we şäher ösüşinde energiýanyň täzelenýän çeşmelerini, şäher ösüşini we galyndylary dolandyrmak boýunça tejribeleri ulanmak bilen durnukly energiýa netijeliligi boýunça häzirki watgda başlangyçlary öwrenýän, synagdan geçirýän we köpeldýän bar bolan edaralaryň we täze edaralaryň sany**

Esasy görkeziji

**2016**

**2017-nji ýyl** — 1 (Gurluşyk we binagärlik ministrligi)

**2018-nji ýyl** — 4 (Gurluşyk we binagärlik ministrligi, Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi, Aşgabat şäherhäkimligi)

**2019-njy ýyl** — 7 (Türkmenistan Döwlet Energetika Institutynyň täzelenýän energiýa boýunça gözleg we önümçilik merkezi, Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýa merkeziniň barlaghanasy “Energiýa öndürmek we energiýa tygşytlamak tehnologiýasy”, Türkmenistanyň Döwlet Energetika Instituty)

**2020-nji ýyl** — 8 (Türkmenistanyň Döwlet Energetika Institutynyň täzelenýän energiýa boýunça gözleg we önümçilik merkezi)





## NETIJE 6

3-nji Ileri tutulýan ugur
Daşky gurşawyň durnuklylygy we energiýa tygşytlylygy

Milli syýasat, kanunçylyk we institusional mehanizmleri pudak we jemgyýet derejesinde howanyň üýtgemegine garşy durnuklylygy, uýgunlaşmagy, howa bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri dolandyrmagy we betbagtçylyklaryň töwekgelçiliklerini azaltmak boýunça çäreleri öňe sürmek bilen howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meselelere jogap berýär



2018-nji ýyldan bäri BMG/ GEF taslamasynyň çäginde howanyň üýtgeýän şertlerinde täze oba hojalygy tehnologiýalary we innowasion ekerançylygy boýunça okuwlar geçirilýär. Taslama täze tehnologiýalaryň ulanylmagyny we olaryň peýdalaryny görkezmek üçin her welaýatda ýyladyşhanalaryň gurluşygyna başlady. Ýyladyşhanalar daýhan birleşikleriniň dolandyryş edarasynyň gapdalynda ýerleşýär.



**Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak üçin tebigy baýlyklary dolandyrmak we ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak ugrunda ösüşler gazanyldy.** Betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini dolandy rmak (DRM) tejribesi BMG-niň goldawy bilen güýçlendirildi we hökümet işgärleriniň we ilatyň arasyndaky habarlylyk ýokarlandy. Betbagtçylyklaryň töwekgelçiliklerini dolandyrmak ugrunda alnyp barylýan işler “hiç kimi yzda galdyrmazlyk” ýörelgesini goldap, ilatyň gowşak gatlaklaryna gönükdirildi.

2016-2020-nji ýyllar aralygynda Hökümet BMG-niň goldawy bilen howanyň şertleriniň üýtgemegi babatynda ilkinji we ikinji Milli strategiýalaryny taýýarlady we tassyklady. Howanyň üýtgemegi babatyndaky täzelenen Milli strategiýa ýurduň howanyň üýtgemegine garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak, şeýle hem ýerüsti çeşmeleriň durnukly dolandyrylmagyna we suwy tygşytlamak boýunça alnyp barylýan işlere ýardam edýän dürli uýgunlaşdyryş çözgütleriniň ýaýbaňlaşdyrylmagyny talap etmek boýunça umumy milli ulgamlaýyn çäreleri geçirmäge çagyrýar.

Uýgunlaşdyryş boýunça gün tertibi gyzyklanýan taraplara, şeýle hem jemgyýetlere daýhanlaryň we ýerden peýdalanýan beýleki ulanyjylaryň durmuş şertleriniň ýokarlanmagyna sebäp boljak milli we ýerli derejede suw tygşytlamagyň, şeýle hem oba hojalykdan gowy hasyl almagyň we ykdysady ulgamynda gowy netijeleri almagyň täsirli usullaryny görkezýän birnäçe çäreleri öz içine alýar. Hökümet we BMG ýurtda howanyň üýtgemegine uýgunlaşmagyň möhümdigini ykrar edýär, çünki Türkmenistan howanyň üýtgemeginiň täsirine ynjykdyr.

Netijeleri görkezilenden soňra bu çäreler we tehnologiýalar häzirki wagtda BMG-niň goldawy bilen ýer we suw pudagyna maýa goýmak üçin suwy we beýleki serişdeleri tygşytlaýan tehnologiýalary ulanmagy göz öňünde tutýan 2019-2025-nji ýyllar üçin Agro-senagat pudagyny ösdürmek boýunça döwlet maksatnamasyna girizilýär. Hasylyň görnüşine baglylykda suwuň tygşytlanmagyna ortaça 50% we hasylyň 40-60% ýokarlanmagyna getirýän netijeli suwaryş we suw paýlaýyş ulgamlary üstünlikli görkezildi.

Hasabat döwründe Pariž şertnamasyny durmuşa geçirmek boýunça Milli maksatnamanyň çäginde Hökümet BMG bilen bilelikde milli we milletara derejede howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak, tebigy baýlyklary durnukly dolandyrmak we ekoulgam hyzmatlary boýunça çözgütleri işläp düzdi we durmuşa geçirdi. 2019-njy ýyla çenli ýurtda progressiw uýgunlaşma maksatnamasy ýerli jemgyýetiň 50000-den gowragy täsirli görkezilen uýgunlaşma çözgütlerinden peýdalanýandygyny, 100,000 gektardan gowrak ýeriň dikeldilendigini ýa-da durnukly dolandyrylýandygyny aňladýardy. 2017-nji ýylda geomembrana antifiltr perdesini ulanmak arkaly suw howdanlarda we sardoblarda suw ýitgisi azaldy. Mundan başga-da, ýerleri şöhle bilen tekizlemek boýunça usullar tanyşdyryldy we biokompost öndürilip başlandy. 2018-nji ýylda Gökdepe etrabynda 145 gektar barlag meýdanynda döwrebap suwaryş ulgamlary ornaşdyryldy, keşli we pürküji suwaryş ulgamlary kämilleşdirildi, şeýle hem iki welaýatda oba hojalyk barada maglumat beriş merkezleri döredildi we işe girizildi. 2019-njy ýylda bäş welaýatda energiýa tygşytlaýjy suw sorujulary ornaşdyrlydy. 2020-nji ýylda uzak çöl sebitlerinde gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ulanmak bilen suwy sorup çykarmak we ajy suwy süýjetmek üçin tehnologiýa girizildi.

Hasabat döwründe Daşoguz, Lebap we Ahal welaýatlarynda uýgunlaşma boýunça ýerli derejede geçirilen çäreler arkaly 2500-den gowrak daýhanyň howanyň üýtgemegine çydamlylygy ýokarlandyryldy. BMG Ahal we Daşoguz welaýatlarynyň obalarynyň ýaşaýjylaryna tokaý we gum nahalhanalaryny döretmek, ýagyş suwlaryny ýygnamak we gorap saklamak üçin suw howdanlaryny gurmak, topragyň duzlulygyny azaltmak üçin süýji buýan önümçiligi bilen tanyşdyrmak, tokaýlary dikeltmek maksady bilen arça we karkas agaçlaryny oturtmak arkaly daşky gurşawyň üýtgemegine uýgunlaşmak üçin ýardam etdi. Başga-da, BMG tebigy baýlyklary toplumlaýyn dolandyrmak we ýerleri durnukly dolandyrmagyň öňdebaryjy tejribeleri boýunça okuw geçirdi we öri meýdanlaryny dolandyrmak, damjalaýyn suwaryş, topragyň duzlulygyny dolandyrmak we beýleki çäreler barada peýdalanýan adamlaryň arasynda maglumat ýaýratdy.

BMG-niň goldawy bilen synag astyndaky ýerli jemgyýetler üçin suw we ýerüsti serişdelerini durnukly derejede dolandyrmakda aýallaryň has işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek üçin jyns derňewine esaslanyp we jyns aýratynlyklaryny göz öňüne tutup, ýerli derejede uýgunlaşma babatynda dört meýilnama taýýarlandy we kabul edildi. Birnäçe okuwlar oba hojalygynda jyns meselelerine we howanyň üýtgemeginiň töwekgelçiligini azaltmaga gönükdirildi, ol garaşsyz aýal daýhanlara we olara degişli daýhan kärhanalaryna goldaw bermek üçin aýratyn üns berdi. Netijede, 2019-njy ýyla çenli 20-den gowrak aýal biogumus öndürmek bilen meşgullanýar, hususy oba hojalyk kärhanalarynyň düýpli ösmegi sebäpli oňa bolan ykdysady isleg yzygiderli ösýär. Oba hojalygyny

*“Her bir ýyladyşhanada 2-3 ýerli adam işlär we ýerli jemgyýetiň agzalary üçin iş orunlary döredileр. Biz daýhanlaryň özleriniň saýlan ekinlerini ösdürip ýetişdireris “- diýip, Lebap welaýatynyň ýerli ugtaşdyryjysy Myrat Husaýnow aýdýar. “Daşoguz welaýatynda pomidor we hyýar ösdürip ýetişdirmek, Lebap welaýatynyň ýaşaýjylarynyň arasynda ýaýratmak üçin dürli gök önümleriň we ösümlikleriň nahallaryny ösdürip ýetişdirmek barada karara gelindi. Gurluşygy tamamlamak we ilkinji hasyly almak üçin henizem birnäçe wagt garaşmaly bolýarys, ýöne häzirki howa şertlerinde ýyladyşhanalar ekerançylyk pudagynda öý töweregindäki ýerlerden girdejiniň alternatiw çeşmesi bilen üpjün edilmegine, şeýle hem ýerli daýhanlaryň maliýe we azyk taýdan özlerini doly derejede dolandyrmaklary üçin serişdeler bilen üpjün edip biljekdigine ynanýarys.*

Hekaýany şu ýerden doly okap bilersiňiz

we ekerançylyk kärhanalaryny ýöretmek boýunça ykdysady taýdan we howa üçin amatly bolan usullarynyň ösmegine ýardam edýän kiçi grantlar maksatnamasynyň durmuşa geçirilmeginiň dowam etdirilmeginden iki welaýatda 20,000-den gowrak aýalyň peýdalanmagyna garaşylýar.

Hasabat döwründe BMG bilen bilelikde howanyň üýtgemegine durnuklylygy ýokarlandyrmak we uýgunlaşmak boýunça sebitleýin tagallalary goldamak üçin suw serişdeleri we howanyň üýtgemegi ugrunda birnäçe serhetüsti başlangyçlar başlandy. 2018-nji ýylda Türkmenistanda howanyň üýtgemegi bilen baglylykda daşky gurşaw boýunça okuw meýilnamalar täzelendi. 2019-njy ýylda başlangyçlar Daşky gurşaw we durnukly ösüş baradaky sebitleýin maksatnamasy, Aral deňziniň basseýnine ýardam etmek baradaky maksatnamasy, Aral deňziniň basseýnindäki howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we täsirleri azaltmak baradaky maksatnamasy, “Howa gutusy” atly sebitleýin başlangyjy, tebigy betbagtçylyklara garşy durnuklylygy güýçlendirmek we Merkezi Aziýada betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak üçin Sendaý çarçuwaly maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegini çaltlaşdyrmak ýaly ugurlary öz içine aldy. 2020 ýylda ýene-de üç başlangyç başlandy: Ýerüsti baýlyklary dolandyrmak üçin Merkezi Aziýa ýurtlarynyň başlangyjy (CACILM) II, Merkezi Aziýanyň çölleri baradaky başlangyjy (CADI), şeýle hem ekoulgamlara esaslanýan ýer ulanylyşy we Amyderýanyň aşaky bölegindäki





ýerlerde ekoulgamlary gorap saklamak boýunça taslamasy.

Hasabat döwründe, Türkmenistanyň betbagtçylyklaryň töwekgelçiligine taýýarlygy Hökümetiň 2019-2030-njy ýyllar üçin (2019) raýat goranyşy babatynda döwlet syýasatyny işläp düzmegi, adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlygy we çäreleri utgaşdyrmak üçin Hökümet we BMG-niň arasynda özara düşünişmek hakynda Memoranduma (Ähtnama) gol çekmekleri (2019) we “Adatdan daşary ýagdaýlarda halkara ynsanperwer kömegi hakynda” kanuny (2020) sebäpli ýokarlandy. Ol esasy howplary kartalaşdyrmak, irki duýduryş ulgamlaryny goldamak, adatdan daşary ýagdaýlara taýýarlygy we çäreleri gowulandyrmak (şol sanda köpçülikleýin ynsanperwer goşandynyň çäginde), maglumatlary alyş-beriş etmek, mümkinçilikleri artdyrmak we utgaşdyrmak esasynda betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini peseltmek boýunça çäreleriň güýçlendirilmegini göz öňünde tutýan Bilelikdäki Hereketler meýilnamasy üçin esas bolup hyzmat etdi.

Türkmenistan ýer titremelerine ýykgyn we 2020-nji ýylda BMG seýsmiki töwekgelçilik boýunça uly taslama başlady. Taslama irki duýduryş üçin seýsmiki töwekgelçiliklere baha bermek, şeýle hem bolup biljek ýer titremeleriň we oňa bagly adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we olara garşy göreşmek bilen ýurduň mümkinçiliklerini ýokarlandyrýar. Seýsmiki yrgyldylary ýazga almak arkaly binalarda inženerçilik barlaglaryny geçirmek üçin ýöriteleşdirilen döwrebap enjamlar goýuldy. Ýerli hünärmenlere binalary barlamak arkaly seýsmiki töwekgelçiliklere baha bermek we olara has gowy taýýarlyk görmek boýunça usullar öwredildi.

BMG-niň goldawy bilen işlenip düzülen Hökümetiň betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini peseltmek (BTP) boýunça maksatnamasy 2019-njy ýylda tassyklandy. Şol bir wagtyň özünde 2019-njy ýyldan bäri Sendaý çarçuwaly maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegini çaltlaşdyrmak boýunça taslama betbagtçylyklary dolandyrmak usulyndan töwekgelçilikleri dolandyrmak usulyna geçmäge gönükdirilen çemeleşme girizildi. Bu sebitleýin taslama, betbagtçylyklaryň netijesinde peýda bolan ýitgileri hasaba almak üçin milli ulgamlary ýokarlandyrmaga, Aşgabat şäheri üçin serhetüsti töwekgelçiliklere we betbagtçylyklara garşy göreşmek üçin strategiýalar boýunça sebitleýin hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga we betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak boýunça milli strategiýany we jemgyýetçiligiň gatnaşygyny goldamaga gönükdirilendir. Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň betbagtçylyklaryň töwekgelçiliklerine garşy göreşmek boýunça bölüminiň işi Türkmenistanda jemgyýetleriň öz içine alyjy, ygtybarly, çydamly we durnukly etmegi bilen olaryň berkemegine ýardam berýär, şeýle hem Türkmenistanda betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak boýunça çäreleri durmuşa geçirmek üçin meýletinçiligi strategiki taýdan girizýär.



4-nji Ileri tutulýan ugur

Iş üpjünçiligi, ykdysady diwersifikasiýa we söwda

NETIJE

7

# Durnukly ykdysady diwersifikasiýa arkaly öz içine alyjy iş bilen üpjün etmek üçin strategiýalar we ýönekeýleşdirilen düzgünler bar



**Ykdysady diwersifikasiýa, iş üpjünçiligi we söwda pudagynda üns esasan ukyby ösdürmäge, bilimi döretmäge we paýlaşmaga, şeýle hem dürli gatnaşyjylara, şol sanda döwlet edaralaryna, gözleg işlerini geçirýän guramalara we hususy sektora tehniki goldawy bermäge gönükdirildi.** Tagallalar iş üpjünçiligini gowulandyrmak we syýahatçylygy ösdürmek, maýa goýumlary çekmek we innowasiýalary öňe sürmek arkaly ykdysadyýeti diwersifikasiýlaşdyrmaga gönükdirildi. Işiň bu ugrunda ilatyň ejiz gatlaklaryna esasy üns berildi.



Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-2025-nji ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüş ugrunda maksatnamasynyň işlenip düzülmegi syýasy derejede uly üstünlige eýe boldy. BMG-niň goldawy bilen işlenip düzülen bu maksatnama, hususy pudagyň ösüşine we ykdysady diwersifikasiýa gönükdirilendir. 2020-nji ýyldan başlap jogapkär döwlet edaralary iş meýilnamalaryny Maksatnama laýyklykda işläp düzdüler we işleriň ýerine ýetirilişine yzygiderli gözegçilik edip, Hökümet tarapyndan geçirilen ýygnaklarda işleriň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdiler.



Türkmenistan import we serhet geçelgeleri boýunça amallaryň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin kanunçylygy güýçlendirýär. Mysal üçin, gümrük resminamalaryny gaýtadan işlemek we söwda babatynda statistikany döretmek üçin “Eurotrace” maksatnamasyny täzeledi. Täze maksatnama halkara söwda barada ýazgylary dolandyrmaga, eksport we import işleri boýunça amallary seljermäge mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, Döwlet gümrük gullugy BMG-niň soňky ülňülerine laýyklykda toplumlaýyn gümrük maglumat ulgamyny ornaşdyrdy. 2019-njy ýylda erkin ykdysady zolaklaryny döretmek we söwda işlerini ýeňilleşdirmek üçin kanunlar kabul edildi, 2020-nji ýylda bolsa Salgyt kodeksine, şeýle hem walýutany düzgünleşdirýän kanunlara, eksport we elektron resminamalaşdyryş ulgamyny ulanmak boýunça düzgünlere üýtgetmeler girizildi. 2020-nji ýylda Daşary işler ministrligi import we eksportedýänleriň wagtyny tygşytlamak we amaly çykdajylary azaltmak maksady bilen Türkmenistanda eksport we import amallary üçin, şol sanda bank, söwda we transport pudaklarynda “ýeke penjire” atly mehanizmi girizmek üçin BMG bilen özara düşünişmek hakynda Memoranduma (Ähtnama) gol çekdi.

Başga-da, BMG-niň goldawy bilen ykdysadyýeti milli we milletara derejede diwersifikasiýalaşdyrmak üçin başlangyçlar ýola goýuldy. 2018-nji ýylda 2019-2025-nji ýyllar üçin kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek baradaky Maksatnama tassyklandy, şeýle hem kiçi we orta telekeçiligi goldamak üçin gazna we döwlet topary döredildi. 2019-njy ýylda “Türkmenistanyň Senagatçylar we Telekeçiler Bileleşigi barada” kanun täzelendi we Hökümet edaralaryny hususylaşdyrmak, sowadyjy we maldarçylyk desgalary, şeýle hem paýdarlar jemgyýetleri we ulaglar barada Prezidentiň kararlary çykaryldy.

2019-njy ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistan Halkara zähmet guramasynyň (HZG) üç taraplaýyn maslahaty boýunça (zähmeti goramak boýunça halkara kanuny düzgünler) konwensiýany tassyklady. 2018-nji ýylda BMG-niň goldawy bilen Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi 18 ýaşa ýetmedik çagalaryň işlemegini gadagan edýän howply işleriň we kärleriň giňişleýin sanawyny öz içine alýan 87-nji karary kabul etdi. Şeýle-de, Türkmenistan pagta ýygmakda mejbury zähmet boýunça meseleleriň çözgüdini tapmak üçin Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk edýär.

BMG ýokary wezipeli döwlet işgärlerine içerki tölenmedik iş, hünär bölünşigi we zähmet bazaryndaky gurluş päsgelçilikleri ýaly ugurlarda goldaw berdi. Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň goldawy bilen synag şäherlerinde öz içine alyjy iş bilen üpjün etmek üçin işjeň zähmet bazary boýunça maksatnama ýola goýuldy. Bu başlangyjyň çäginde ilatyň ejiz gatlaklaryndan ýigitler we gyzlar öz şäherlerinde

*“Men ozal daşary ýurtlarda öndürilýän biogumusy satyn alýardym. Ýöne bu meniň üçin gaty gymmatdy. Soňra men Birleşen Milletler Guramasynyň okuwyna gatnaşdym we bu hakda has köp zat öwrendim. Şeýle-de bolsa, biogumus öndürmek barada meniň henizem ýeterlik bilimim ýokdy. Taslamanyň goldawy sebäpli men bu bilim boşlugyny doldurdym, indi bolsa biogumusy özüm öndürýärin. Men öz netijelerimden gaty kanagatlanýaryn.”*

Gulbahar, Lebap welaýat

Hekaýany şu ýerden doly okap bilersiňiz

hünär ussatlygy boýunça okuwlary okap bilerler we geljekde iş tapmak üçin goldaw alyp bilerler. 2020-nji ýylda alty synag şäherinde 527 erkek we 707 aýal üçin gyzyklanýan hünärleri boýunça iş orunlary döredildi. Bu mümkinçilikler iş üpjünçiligi bilen meşgullanýan agentlikler tarapyndan berilýän iş, mekdeplerde hünär bilimi, hususy terbiýeçiler bilen okamak, iş başarnyklaryny onlaýn öwrenmek, özbaşdak işlemegi goldamak we täze kiçi kärhanalary gurallar we enjamlar bilen üpjün etmek boýunça maslahatlardan ybarat.

Türkmenistan maýyplygy bolan adamlara iş tapmak boýunça hukugy durmuşa geçirmek üçin şertler we mümkinçilikler döredýär. 2018-nji ýylda BMG hususy sektoryň, Hökümetiň we Hökümete degişli bolmadyk sektoryň 80 wekiliniň gatnaşmagynda maýyplygy bolan adamlar üçin ilkinji gezek guralan iş orunlar ýarmarkasynyň geçirilmegine goldaw berdi. Maýyplygy bolan adamlara laýyk iş tapmak, täze gyzykly iş orunlar barada öwrenmek we iş berijiler bilen tanyşmak üçin mümkinçilik boldy. Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň kerler we körler jemgyýeti we BMG maýyplygy bolan aýal-gyzlar üçin hünär mümkinçiliklerini artdyrmak üçin forum gurady. “Çäklendirilmedik ukyply adamlar” atly 2020-nji ýyldaky başlangyç maýyplygy bolan adamlara töweregindäki durmuş taýdan kemsitmelere garşy göreşmäge goşant goşdy. Maýyplyk bilen baglanyşykly kynçylyklary ýeňip geçýän, mümkin bolmajak zadyň ýokdugyny görkezýän, şeýle hem adamlaryň durmuşyndan şahsy mysallary getirýän hekaýalar şöhlelendirildi.

Bu aralykda, 2020-nji ýylda BMG-niň goldawy bilen Salgyt kodeksine “Maýyplygy bolan adamalaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň” girdeji salgydyndan boşadylandygyny görkezýän ýörite kategoriýany öz içine alýan üýtgetmeler girizildi, olaryň kapitaly işgärleriň 70%-i maýyplygy bolan adamlardan ybarat bolan we azyndan 20 maýyplygy bolan adamlaryň işleýän, maýyplygy bolan adamlaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň doly ygtyýaryndadyr.

Türkmenistanyň döwlet daşary ykdysady iş banky (TDDYB) korporatiw dolandyryşy, innowasion we bäsdeşlik ukyply maliýe hyzmatlaryny, bank infrastrukturasyny, maliýe sowatlylygyny we sarp edijiniň hukugynyň goralmagyny ýokarlandyrmagyň esasynda işewürlik, maglumat tehnologiýalar, bölekleýin bank işi we taslamany maliýeleşdirmek üçin innowasion strategiýalary işläp düzdi. Mundan başga-da, BMG Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankyna döwlet edaralary, kärdeşler arkalaşygynyň agzalary we taslamalary dolandyrmak boýunça kärhanalaryň ýolbaşçylary üçin innowasion maliýeleşdirme, strategik gepleşikler, maglumat tehnologiýalaryny dolandyrmak we howpsuzlyk, iş kanunçylygy we zähmet howpsuzlygy ýaly ugurlarda okuwlary geçirmäge goldaw berdi.

Hyzmatdaşlygyň beýleki ugurlary syýahatçylyk we ykdysadyýeti sanlaşdyrmak cygrynda boldy.



Bütindünýä syýahatçylyk ýol beletleriniň birleşiginiň federasiýasy, Döwlet syýahatçylyk komiteti we BMG syýahatçylyk, mirasy dolandyrmak we gorap saklamak ýaly ugurlarda işgärleri taýýarlamak boýunça okuwlary geçirmekde ýardam etdi. Hökümet "Sanly Türkmenistan" atly milli düşünjäni işläp düzmek arkaly sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagyna ýardam etdi.

Netijede, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi BMG bilen bilelikde "Saglyk strategiýasy üçin işgärler bölümi" atly strategiýany işläp düzdi, şeýle hem saglyk işgärleri we saglygy goraýyş bilen baglanyşykly işgärleri taýýarlamagyň we aspiranturanyň hilini ýokarlandyrdy.





NETIJE

8

5-nji Ileri tutulýan ugur

Dolandyryş we kanunyň hökmürowanlygy

## Döwlet edaralary hemme taraplary gatnaşdyrmak bilen we ýurduň adam hukuklary borçnamalaryna laýyklykda kanunlary, milli maksatnamalary we strategiýalary durmuşa geçirýär we gözegçilikde saklaýar




Gender esasynda zorlugyna garşy 16 işjeňlik güni her ýyl 25-nji noýabrdan (Aýallara garşy zorlugy aradan aýyrmak üçin halkara güni) 10-njy dekabra çenli (Adam hukuklary güni) geçirilýän we beýleki möhüm seneleri öz içine alýan halkara kampaniýasydyr.

#ErkeklerHem kampaniýasy erkekleri we oglanlary öýde we işde oňyn durmuş kadalaryny öňe sürmäge, deň, sagdyn gatnaşyklary saklamaga we hemmeler üçin adam hukuklaryny goldamaga çagyrýar.

**2017-nji ýylda Adalatçynyň instituty döredildi we ilkinji gezek Adalatçy bellenildi. BMG Merkezi Aziýada we onuň çäklerinden daşarky ýurtlarda öňdebaryjy tejribeler barada maglumat berdi, Adalatçynyň diwanyny döretmek üçin öňdebaryjy halkara usullary we ýörelgeleri hödürledi, şeýle hem Adalatçyny halkara adam hukuklary ulgamlaryna, esasanam Milli Adam hukuklary babatyndaky guramalaryň global bileleşigine tanyşdyrdy.** Adalatçy bilen raýat jemgyýetiniň arasynda gepleşikleri açmak ugrunda hem ýardam berildi.



Türkmenistan esasy halkara şertnamalaryň gatnaşyjysy hökmünde halkara borçnamalaryny ýerine ýetirdi. Hökümet Bütindünýä döwürleýin syn bermek baradaky edara, şeýle hem Aýal-gyzlara garşy diskriminasiýanyň ähli görnüşlerini aradan aýyrmak babatyndaky komitetine (CEDAW), Maýyplygy bolan adamlaryň hukuklaryny goramak baradaky komitetine (CRPD), Tire-taýpa taýdan kemsitmeleri aradan aýyrmak baradaky komitetine (CERD), Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar baradaky halkara şertnama (CESCR) we BMG-niň Gynamalara garşy komitetine (UNCAT) hasabat berdi. 2020-nji ýylda yzygiderli milli hasabat taýýarlandy we Çaganyň hukuklary baradaky Komitetine tabşyryldy. Hasabat taýýarlamak işine Türkmenistanyň dürli künjeklerinden 150-den gowrak çaga gatnaşdy we özlerini gyzyklandyrýan we geljekde gowulaşdyrmak isleýän zatlary barada pikirlerini hödürlediler.

Hasabat döwründe BMG-niň goldawy bilen ozalky hereketleriň Milli meýilnamalarynyň (HMM) durmuşa geçirilmegi dowam etdi. Mysal üçin,

**Hökümet BMG-niň goldawy bilen BMG-niň adam hukuklary boýunça mehanizmleriniň tekliplerine esaslanyp, adam hukuklary boýunça birnäçe hereketleriň meýilnamalaryny, şol sanda:**

- 2016-2020-nji ýyllar üçin adam hukuklary boýunça hereketleriň milli Meýilnamasyny işläp düzdi
- Türkmenistanda gender deňligi boýunça 2015-2020-nji ýyllar üçin Hereketleriň milli meýilnamasy
- 2018-2022-nji ýyllar üçin Çaga hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça Hereketleriň milli meýilnamasy
- 2020-2022-nji ýyllar üçin Adam söwdasyna garşy göreşmek boýunça Hereketleriň milli meýilnamasy
- 2020-2022-nji ýyllar üçin Zorlukly ekstremizmiň we terrorçylygyň öňüni almak boýunça Milli strategiýa
- Türkmenistanyň 2020-2025-nji ýyllar üçin çaganyň irki ösüşi üçin Milli strategiýasy
- 2019-2024-nji ýyllar üçin raýatsyzlygy aradan aýyrmak boýunça Hereketleriň milli meýilnamasy
- 2021-2025-nji ýyllar üçin gender deňligi boýunça Hereketleriň milli meýilnamasy

2015-2020-nji ýyllar üçin Gender deňligi boýunça hereketleriň Milli meýilnamasy 95%, Adam Hukuklary boýunça hereketleriň Milli meýilnamasy 95%, 2016-2018-nji ýyllar üçin Adam söwdasy boýunça hereketleriň Milli meýilnamasy bolsa doly derejede ýerine ýetirildi. 2020-nji ýyla çenli Çaga hukuklary baradaky hereketleriň Milli meýilnamasynyň 40%-i durmuşa geçirildi, 2020-2022-nji ýyllar üçin Adam söwdasy boýunça hereketleriň Milli meýilnamasynyň dörtden bir bölegi meýilnamanyň birinji ýylynda durmuşa geçirildi.

BMG-niň goldawy bilen Hökümet ýüze çykýan serhetüsti, şol sanda harytlaryň we adamlaryň akymy boýunça meseleleriň çözgüdini tapmak üçin birnäçe maksatnamalary işläp düzdi. 2019-njy ýyla çenli şular ýaly 127 başlangyç durmuşa geçirildi. Mysal üçin, raýatsyzlygy kesgitlemek proseduralaryny işläp düzmek üçin iş topary döredildi, onuň ýardamy bilen raýatlygy bolmadyk şahsyýetleri kesgitlemek we resminamalaşdyrmak we ahyrky netijede raýatlygy bermek mümkin bolar. Ykdysady jenaýatlara garşy göreşmek boýunça Döwlet gullugy hem döredildi we bikanun maliýe akymlaryna garşy göreş boýunça Pariž şertnamasynyň ýerine ýetirilişine milli derejede jogap taýýarlandy.
BMG hukuk goraýjy we kazyýet edaralarynyň mümkinçiliklerini artdyrmak, şeýle hem hukuk ugrunda we bilermen derejede ýardam bermek arkaly şu meseleler boýunça goldaw berdi: aktiwleriň öwezini dolmak; kazyýet işi; zorlukly ekstremizmiň we terrorçylygyň öňüni almak; neşe serişdelerini bikanun dolandyrmak; adam söwdasy; gümrük barlagy boýunça usullar; strategiki söwda gözegçiligi; köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýaýramazlygy; sanksiýalar we gadaganlyk; töwekgelçilik görkezijileri; we galplygyň görnüşleri. Bu işler tutuş ýurt boýunça 400-den gowrak hukuk goraýjy we adalat işgärine ýetirildi.

BMG bikanun harytlaryň serhetaşa geçirilmegi boýunça hereketiniň öňüni almak, Türkmenistanyň üpjünçilik zynjyrynyň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak, serhet geçelgelerinde töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça alnyp barylýan işleri gowulandyrmak we kanuny söwda etmekde ýardam bermek üçin Aşgabat Halkara Gümrük Terminalynda we “Türkmenbaşy” halkara deňiz portunda Porty dolandyrmak boýunça 2 bölümiň (PDB) döredilmegine, şeýle hem serhetýaka döwletler bilen maglumat alyş-çalşyny üpjün etmek üçin Döwlet gümrük

# NETIJE 8

2019-njy ýyla çenli milli we pudaklaýyn maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin 19 raýat jemgyýetçilik guramalary gatnaşdy:

2019

19 raýat jemgyýeti guramalary



Gyzyl Ýarymaý Milli Jemgyýeti, Aýallar Bileleşigi, Ýaşlar Guramasy, Senagatçylar we telekeçiler bileleşigi, Kärdeşler arkalaşygy, Kerler we körler jemgyýeti, Maýyplygy bolan adamlaryň jemgyýeti , Maýyplygy bolan adamlara goldaw berýän merkezi, Körler üçin küşt merkezi, Maýyplygy bolan adamlar üçin sport we bedenterbiýe kluby, Lilliputlar jemgyýeti, Maýyplygy bolan adamlar üçin Reabilitasiýa Merkezi, Hukukçylaryň bileleşigi, “Ýeňme”, “Ynam”, “Keýik Okara”, “Maşgala”, “Täze Zaman” we Milli Paraolimpiýa Komiteti.

gullugyna ýöriteleşdirilen enjamlary satyn almaga goldaw berdi.

BMG jenaýat kazyýet ulgamynda netijeli kazyýet hyzmatlarynyň ulanylmagyny üpjün etmek, milli kazyýet edaralaryny halkara derejesinde ykrar edilen ülňülere laýyk getirmek we ýurduň içinde tejribeli we ökde hünärli kazyýet bilermenleriniň ätiýaçlygyny döretmek üçin Türkmenistanyň kazyýet hyzmatlary boýunça ukybyny artdyrmaga ýardam etdi.

Döwlet dolandyryş boýunça hyzmatlaryň netijeliligini we jogapkärçiligini ýokarlandyrmak üçin BMG bilen bilelikde elektron dolandyryş hyzmatlary işlenip düzüldi. 2019-njy ýylda ilata jemgyýetçilik hyzmatlaryny bermek üçin https://e.gov.tm/ web sahypasy döredildi we 2020-nji ýylda Sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça pudagara komissiýasy tassyklandy.

2019-njy ýylda BMG-niň goldawy bilen zorlukly ekstremizmiň öňüni almak boýunça synag jemgyýetlerinde ýokary wezipeli Hökümet işgärleriniň we ýerli dolandyryş edaralarynyň arasynda habarlylyk ýokarlandy. Alty synag jemgyýetinde ýerli etrap polisiýasy we jemgyýetçilik guramalary üçin ýerli polisiýa maşgaladaky zorlugyň öňüni almak, stres bilen göreşmek, duýgulary dolandyrmak we ýaşlar bilen işleşilende konstruktiw gepleşikleri alyp barmak üçin häsiýetiňi üýtgetmek ýaly meseleleriň çözgüdini tapmak boýunça okuw geçirildi. “Hedaýa” merkezi bilen hyzmatdaşlykda

zorlukly ekstremizmiň we radikalizasiýa ýaly howplar barada habarlylygy ýokarlandyrmak maksady bilen Hökümet wekilleri üçin
ilkinji gezek tegelek stol geçirildi. Bu ýygnaga Daşary işler ministrliginiň, Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň, Içeri işler ministrliginiň we Milli howpsuzlyk ministrliginiň, şeýle hem synag taslamasy üçin saýlanan Migrasiýa gullugynyň, Ýaşlar guramasynyň, Aýallar bileleşiginiň we şäher häkimlikleriniň wekilleri gatnaşdy.

Hökümet Birleşen Milletler Guramasynyň goldawy bilen zorlukly ekstremizme we terrorçylyga garşy göreşmek boýunça halkara tejribesini göz öňünde tutýan 2020-2024-nji ýyllar üçin (2019-njy ýylda kabul edilen) Zorlukly ekstremizmiň öňüni almak we terrorçylyga garşy göreşmek boýunça Milli strategiýany işläp düzdi. Bu strategiýa migrasiýa, serhet gözegçiligi, internet, terrorçylygy maliýeleşdirmek, durmuş-ykdysady we syýasy taraplar, şeýle hem adam hukuklary we kanunyň hökmürowanlygy ýaly ugurlary görkezýär. Strategiýany durmuşa geçirmek boýunça Hereketleriň meýilnamasy geljekki dört ýylda durmuşa geçirilmeli anyk ädimleri, şol sanda ýörite pudagara komissiýalary we anyk meseleler bilen meşgullanýan iş toparlaryny döretmek boýunça amala aşyrmaly işleri kesgitleýär. Şeýle hem, Hereketleriň meýilnamasy BMG we beýleki halkara we sebitleýin guramalar bilen hyzmatdaşlygyň çarçuwasyny kesgitleýär.



# Geljekde göz öňünde tutulýar

Türkmenistan adam kapitalyna we dolandyryşa has köp maýa goýsa, ykdysady binýadyny diwersifikasiýalaşdyrsa, amatly iş gurşawyny döretse, howanyň şertleriniň üýtgemegine garşy göreşmek üçin gyssagly çäreleri görse we tebigy baýlyklaryndan netijeli peýdalansa, DÖM-e ýetmek üçin güýçli potensiala eýedir.

Bu maksat bilen Türkmenistanyň Hökümeti we Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamy 2021-2025-nji ýyllarda Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş ugrunda hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasynyň çäginde hyzmatdaşlygyny dowam etdirerler. Çarçuwaly Maksatnama Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşi boýunça Milli maksatnamalary bilen ýakyndan gabat gelýär we Durnukly ösüş ugrunda ýurduň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibine we halkara adam hukuklary borçnamalaryna ygrarlydygyny görkezýär.

1. National Programme for Socio-economic Development of Turkmenistan (NPSD, 2011-2030); Programme of the President of Turkmenistan for Socio-economic Development of the Country for 2019-2025 (PPSD, 2019-2025).






Hyzmatdaşlyk ugrunda çarçuwaly Maksatnama Türkmenistanyň Hökümeti we BMG ulgamynyň arasyndaky umumy düşünjäni we hyzmatdaşlygy tassyklaýar. Munuň özi Türkmenistanyň gülläp ösýän, öz içine alyjy we durnukly bolmagy üçin köpçülikleýin isleglerimizi beýan edýär. Çarçuwaly maksatnama 2025-nji ýyla çenli Türkmenistanyň

DÖM-e laýyklykda ösüş ugrunda milli maksatlaryna ýetmek üçin aşakdaky üç strategik ileri tutulýan ugurda möhüm öňe gidişlikleri göz öňünde tutýar:

- Adamlara gönükdirilen dolandyryş we kanunyň hökmürowanlygy;
- Inklýuziw, “ýaşyl” we durnukly ykdysady ösüş;
- Ýokary hilli, inklýuziw we elýeterli saglygy goraýyş, bilim we durmuş goraglylygy.



Adamlara gönükdirilen dolandyryş we kanunyň hökmürowanlygy



Inklýuziw, “ýaşyl” we durnukly ykdysady ösüş



Ýokary hilli, inklýuziw we elýeterli saglygy goraýyş, bilim we durmuş goraglylygy

Esasy wezipelerinden peýdalanmak bilen - dürli gyzyklanýan taraplary çagyrmak, ösüş boýunça hünärmen derejede maslahat bermek, “hiç kimi yzda galdyrmazlyk” ýörelgesine eýerip, öňdebaryjy halkara tejribesini üpjün etmek bilen BMG ulgamy esasy päsgelçilikleri we töwekgelçilikleri aradan aýyrmak üçin iş alyp barar we DÖM-e ýetmegi tizleşdirmek we ahyrky bäş netijesi boýunça üstünlikleri gazanmak üçin Türkmenistanyň Hökümeti bilen hyzmatdaşlyk eder:

Hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasynyň tapawutly aýratynlygy onuň maksatlaryna ýetmek üçin hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmekdedir. Hyzmatdaşlygyň çarçuwaly Maksatnamasynyň maksatlaryna ýetmek üçin innowasion ukyby peýdaly boljak raýat jemgyýeti we hususy pudak bilen hyzmatdaşlygy gurmaga aýratyn üns berler. BMG-niň maliýe guramalary we ösüş banklary bilen strategik hyzmatdaşlygy telekeçiligi höweslendirmek we daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin şertleri döretmäge ýardam eder. BMG Türkmenistanda adam hukuklary babatynda milli hyzmatdaşlar bilen, hususan-da, halkara adam hukuklary ugrunda borçnamalaryny ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň Pudagara Topary bilen hyzmatdaşlygyny dowam etdirer.

## NETIJE 1

Kanunyň hökmürowanlygy, adam hukuklary, gender deňligi, zähmet hukuklary we ýokary hilli maglumatlaryň esasynda täsirli, innowasion we aç-açan döwlet dolandyryş ulgamynyň ilata elýeterliligi



## NETIJE 2

Hususy we maliýe pudaklary ösdürmek, söwda we maýa goýumlary ösdürmek, şeýle hem täze we sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak bilen durnukly we öz içine alyjy ykdysady diwersifikasiýa üçin şertler ýokarlandy



## NETIJE 3

Betbagtçylyklaryň töwekgelçiliklerini peseltmek, howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we howanyň üýtgemeginiň täsirlerini azaltmak üçin çäreler işlenip düzüldi we durmuşa geçirildi, bu bolsa çeşmelerden oýlanyşykly peýdalanmaga, durnuklylygy ýokarlandyrmaga we “ýaşyl” ykdysadyýete geçmäge ýardam eder



## NETIJE 4

Türkmenistanyň ilaty ýokary hilli we inklýuziw saglygy goraýyş we durmuş goraglylygy hyzmatlaryndan peýdalanýar



## NETIJE 5

Bilim we hünärmen taýýarlygy ulgamy diwersifikasiýalaşdyrylan ykdysadyýet şertlerinde we durmuş taýdan integrasiýany we çydamlylygy ýokarlandyrmakda ilata işde üstünlik gazanmak üçin başarnyklary we bilimleri hödürleýär.



**Surat:**

Birleşen Milletler Guramasy, Türkmenistanda BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Türkmenistanda BMG-niň Çagalar gaznasy, Türkmenistanda BMG- niň Ilat gaznasy/Sergeý Mirzoýew, Türkmenistanda Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, Türkmenistanda Halkara migrasiýa guramasy, Türkmenistanda BMG-niň neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdirligi, Türkmenistanda BMG-niň Ýokary komissarynyň bosgunlaryň meseleleri boýunça müdirligi

BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY
TÜRKMENISTAN